# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – HÄZIRKI WAGTDA TÜRKIÝE RESPUBLIKASY ÝURDUMYZYŇ IRI SÖWDA-YKDYSADY HYZMATDAŞLARYNYŇ BIRI BOLUP DURÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
13-nji fewral, 2026. Belgisi 7/1677



# IKITARAPLAÝYN SÖWDA-YKDYSADY GATNAŞYKLAR ÖSDÜRILÝÄR

***10-njy fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Türkiýe Respublikasynyň söwda ministri Ömer Bolaty kabul etdi.***

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, iki ýurduň arasynda dürli ugurlar boýunça okgunly ösdürilýän hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Ömer Bolat ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň sebitde parahatçylygy pugtalandyrmakda möhüm ähmiýetini belläp, Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň geçen ýylyň dekabrynda paýtagtymyzda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen wekilçilikli foruma gatnaşmagynyň iki ýurduň arasyndaky syýasy-diplomatik gatnaşyklary täze derejä çykarmaga ýardam berendigini aýtdy. Şeýle hem myhman Türkmenistanyň ykdysadyýetde gazanýan üstünliklerine ýokary baha berip, her gezek ýurdumyza sapar bilen gelende hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän öňdengörüjilikli syýasatyň dürli ugurlardaky oňyn netijeleriniň şaýady bolýandygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň söwda ministrini mähirli mübärekläp, Prezident Rejep Taýyp Ärdogana iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň Aşgabatdaky sergisiniň üstünlikli geçmegini arzuw etdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanda yzygiderli geçirilýän bu sergi iki ýurduň özara bähbitli işewürlik hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de ösmegine itergi berýän möhüm çäreleriň biridir. Hormatly Prezidentimiz Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistan üçin iň ýakyn doganlyk döwletleriň biridigini belläp, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň uzak möhletleýin, strategik häsiýete eýedigini, onuň hemişe özara hormat goýmaga we birek-birege goldaw bermäge esaslanýandygyny aýtdy.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, iki ýurduň Hökümet wekiliýetleriniň ýygy-ýygydan amala aşyrýan özara saparlary we gepleşikleri döwletlerimiziň arasyndaky hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna uly goşant goşýar. Döwlet Baştutanymyz Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilýändigini, ýurdumyzyň dürli ugurlarda täze tehnologiýalary, ylmyň soňky gazananlaryny ornaşdyrmaga hem-de ykdysadyýetimizi yzygiderli döwrebaplaşdyrmaga aýratyn üns berýändigini belledi. Köp ýyllaryň dowamynda Türkiýe Respublikasy Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda öňdäki orunlary eýeläp gelýär. Özara haryt dolanyşygynyň ýylsaýyn artmagy munuň aýdyň mysalydyr.

Ikitaraplaýyn esasda geçirilýän sergiler netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde wajyp gural bolup hyzmat edýär. Mälim bolşy ýaly, geçen ýylyň 2 – 5-nji iýuly aralygynda Stambul şäherinde Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisi üstünlikli geçirildi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz paýtagtymyzda geçirilýän Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisiniň netijeleriniň ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary has ýokary derejä çykarmaga ýardam berjekdigine, türk kompaniýalary bilen işewürlik gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmäge, maýa goýumlary işjeň çekmäge itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Myhman Türkiýede Türkmenistan bilen ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýändigini aýdyp, Aşgabatda Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisini ýokary derejede geçirmäge beren goldawlary üçin hormatly Prezidentimize hoşallygyny beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň türkmen-türk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça türk tarapynyň anyk tekliplerine seretmäge we netijeli başlangyçlaryny goldamaga taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Türkiýe Respublikasynyň söwda ministri Ömer Bolat ikitaraplaýyn ykdysady gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## Türkmenistan – bedew batly ösüşleriň mekany



«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan 2026-njy ýyl okgunly ösüşler bilen badalga aldy. Ýakynda Ministrler Kabinetiniň mejlisinde şu ýylyň ýanwar aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlendi. Mejlisde ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň we durmuş ulgamynyň şu ýyl üçin iş meýilnamalary tassyklanyldy. Olarda bellenilen möhüm wezipeler ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine, halkymyzyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir. Munuň özi Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr.

2026-njy ýylyň ýanwar aýynda ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini durnukly ösdürmek boýunça alnyp barylýan giň gerimli özgertmeleriň netijesinde guwandyryjy görkezijiler gazanyldy. Ýylyň ilkinji aýynda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda diýen ýaly oňyn ösüş depginleri üpjün edildi.

Resmi maglumatlara görä, milli ykdysadyýetde durnukly ösüş saklanyp, jemi içerki önümiň möçberi öňki ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende artdy. Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterim ýokarlandy, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 2 göterime, gurluşykda 6 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 9,3 göterime, söwdada 8,2 göterime, oba hojalygynda 2 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8,5 göterime deň boldy. Bu ýagdaý hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän ykdysady strategiýanyň, döwlet maksatnamalarynyň hem-de toplumlaýyn ösüş syýasatynyň netijeliligini aýdyň görkezýär. 3

# TÜRKIÝÄNIŇ EKSPORT HARYTLARYNYŇ SERGISI GEÇIRILDI

***10-12-nji fewralda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisi geçirildi.***

Serginiň açylyş dabarasyna ýurdumyzyň Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Türkmenistandaky daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri, köp sanly telekeçiler, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Açylyş dabarasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň serga gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Gutlagda häzirki wagtda Türkiýe Respublikasynyň ýurdumyzyň iri söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýandygy, Türkiýäniň kompaniýalarynyň türkmen hyzmatdaşlary bilen ysnyşykly iş alyp barmak bilen, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda bilelikdäki birnäçe taslamalary üstünlikli amala aşyrýandyklary, işewürlik ulgamynda netijeli hyzmatdaşlygy giňeldýändikleri bellenilýär.

Dabarada Türkiýe Respublikasynyň söwda ministri Ömer Bolat çykyş edip, sergini geçirmäge döredilen ajaýyp şertler hem-de türk wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik üçin türkmen tarapyna tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.









Şu gezekki gözden geçiriliş ýokary döwlet derejesinde ozal gazanylan ylalaşyklaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň güwäsine öwrüldi. Häzirki wagtda ýurtlarymyzyň arasyndaky syýasy dialog ýokary derejä eýedir we ol yzygiderli ösdürilýär. Bu bolsa şeýle duşuşyklaryň hem-de çäreleriň yzygiderli geçirilmeginde öz beýanyny tapýar. Sergi köpdürlüligi bilen bu ýere gelenlerde uly gyzyklanma döredýär. Söwda-senagat edarasynyň giň zalynda Türkiýäniň senagat mümkinçilikleri bilen tanyşdyrýan 100-den gowrak kompaniýa öz diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdy. Şolaryň hatarynda çalt depginler bilen ösýän kiçi we orta telekeçiligiň wekilleri, ägirt uly senagat kärhanalary bar. Senagat, maşyn gurluşygy ulgamyna ýöriteleşen kompaniýalaryň diwarlyklary myhmanlaryň aýratyn ünsüni çekýär. 2

# ÇÄRÝEK FINALÇYLAR JOGAP DUŞUŞYGYNDA BELLI BOLAR

***11-nji fewralda paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesinde ýerleşýän Merkezi Aziýada iň uly Olimpiýa stadionynda Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň II Çempionlar ligasynyň 1/8 finalynyň çäklerinde ýurdumyzyň «Arkadag» we Saud Arabystany Patyşalygynyň «Al-Nassr» futbol toparlarynyň arasynda duşuşyk geçirildi.***

Türkmenistanda sportuň beýleki görnüşleri bilen bir hatarda, futboly ösdürmäge hem aýratyn üns berilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen «Arkadag» futbol klubunyň döredilmegi sportuň iň meşhur görnüşini ösdürmekde aýratyn tapgyry alamatlandyrdy. Milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesini özünde jemleýän, sebitde ilkinji «akylly» şäher diýlip ykrar edilen Arkadag şäherinde döredilen bu topar türkmen futbolynyň sazlaşykly ösüşiniň aýdyň beýanyna öwrüldi. Döredileninden bäri köp wagtyň geçmändigine garamazdan, «Arkadag» topary birnäçe gezek Türkmenistanyň çempiony bolmagy başardy. 2025-nji ýylda bolsa ýurdumyzyň bu topary Aziýanyň Futbol







konfederasiýasynyň Çagyryş ligasynyň çempiony boldy. «Arkadag» toparynyň bu üstünlikleri ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň milli sporty mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda başyny başlan giň möçberli özgertmeleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýandygynyň nobatdaky güwäsidir.

Saud Arabystanynyň «Al-Nassr» topary bilen geçirilen duşuşyk hem «Arkadag» toparynyň halkara ýaryşlarda üstünlikli çykyş etmeginiň aýdyň netijesidir. Bu futbol duşuşygy türkmenistanlylarda uly gyzyklanma döretdi. Garaşylýan tolgundyryjy pursat gelip ýetdi: futbol duşuşygynyň emininiň oýnuň başlanýandygynyň alamaty hökmünde jürlewük çalmagy bilen, ýaşyl meýdançada taryhy pursatlara badalga berildi. Bu ajaýyp wakanyň şanyna sebitde deňi-taýy bolmadyk 45 müň orunlyk Olimpiýa stadionynda futbol duşuşygynyň başlanýandygyny alamatlandyrýan sport alawy ýakyldy. 7

4

### Emeli aň boýunça ilkinji global ylmy topar

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş emeli aň boýunça täze garaşsyz halkara ylmy toparyň düzümine girjek 40 sany bilermeniň sanawyny hödürledi.

5

### Agyz beklemegiň saglyga peýdasy

Agyz beklemek adaty iýmit meýilnamasyndan tapawutlylykda, belli bir wagt aralygynda iýip-içmekden saklanmakdyr.

6

### Çagalara niýetlenen uçar muzeýi

ABŞ-nyň Waşington ştatynyň Sietl şäherinde ýerleşýän Awiasiýa we kosmos muzeýi çagalara birnäçe gyzykly güýmenjeleri hödürleýär.

8

### XXV gyşky Olimpiýa oýunlary ýokary depginde dowam edýär

Italiýanyň demirgazygynda Milanda we Kortinada XXV gyşky Olimpiýa oýunlary ýokary depginde dowam edýär.

## «Hyundai» adamsypat robotlary kämilleşdirýär



Esasan, awtoulag önümçiligi bilen meşgullanýan «Hyundai» kompaniýasy robot tehnologiýasyny kämilleşdirýär. Golaýda «CES 2026» sergisinde kompaniýanyň işläp taýýarlan adamsypat roboty dürli çylşyrymly hereketleri ýerine ýetirdi. Şol hereketleriň arasynda aşyr atmak hem bar. Robotyň türgenlere mahsus bu hereketini görkezýän wideonyň köpçülige ýaýradylmagy bilen, koreý brendiniň Seul biržasyndaky paýnamalarynyň gymmaty 5,7% ýokarlandy. «Atlas» atly bu robot daş-töwereginde bolup geçýän zatlara jogap hem berip bilýär. Robotyň ellemek duýgusynyň bardygy mälim edildi. Kompaniýa adamsypat robotlary 2028-nji ýyldan başlap, awtoulag zawodlarynda işletmegi maksat edinýär. Emeli aň tehnologiýasynyň ornaşdyrylmagy robotlaryň ýerine ýetirip bilýän hereketlerini görnetin artdyrmaga ýardam etdi.

**Aýbölek ÝUSUBOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Wodorod ýangyjy ýaýbaňlanýar



Tehnologiýanyň ösmegi wodorod ýangyjynyň arassa energiýa çeşmesi hökmünde has elýeterli bolmagyna getirýär. Şeýle bolansoň, wodorod energiýasyna has köp maýa goýum gönükdirilýär. Ýewropa Bileleşigi «Connecting Europe Facility» (CEF) atly maksatnama 650 million ýewro bölüp berdi. Bu maliýe serişdesiniň 176 million ýewrolyk bölegi gönüden-göni wodorod infrastrukturasyny ösdürmäge gönükdiriler. Bu bolsa, agza ýurtlaryň arasynda energiýa ulgamynyň bitewüleşdirilmegine goşant goşar.

Wodorod ýangyjynyň, esasan, polat, himiýa we beýleki senagat önümçiliginde gazylyp alynýan energiýa serişdeleriniň deregine ulanylmagy göz öňünde tutulýar.

Hindistanda hem şeýle taslama durmuşa geçirilýär. Andra Pradeş ştatyndaky Kakinada sebitinde önümçilik kuwwaty 1,95 GW bolan desga gurlar. Bu ýerde arassa çeşmelerden öndürilen wodorod ýangyjynyň uly bölegi eksport etmek üçin ammiaga öwrüler. Desganyň işlemegi üçin gerek bolan elektrik energiýasy arassa çeşmelerden alnar.

**Muhammetdurdy NURMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Arkadag şäher komitetiniň maglumat howpsuzlygy boýunça baş hünärmeni.*

## Iň işjeň portlar



Dünýäniň iň işjeň portlarynyň sanawy taýýarlandy. Ilkinji onluga Hytaýyň sekiz porty girdi. Bu ýurduň Çžeszýan welaýatyndaky Ninbo-Çžouşan porty birinji ýeri eýeledi. Sanawa Ýewropadan port girmedi. Hytaý portlary ýükleriň düşürilip-ýüklenmegi üçin has elýeterli bahalary bilen tapawutlanýar. Bu bolsa, hytaý portlaryna islegi artdyrýar. Portlar diňe ýükleriň getirilýän ýa-da äkidilýän däl-de, düşürilip, ammarda saklanýan, başga gämilere geçirilýän ýeri hökmünde işjeň ulanylýar. Şeýle bolansoň, portlar bütin dünýäde harytlaryň we hyzmatlaryň üpjünçiliginiň üznüksiz bolmagynda uly ähmiýete eýe bolup, ykdysadyýet bilen hem gönüden-göni baglydyr.

Dünýäniň iň işjeň portlaryna Tanşan, Singdao, Şanhaý (Hytaý), Singapur (Singapur), Hedlend (Awstraliýa) Guançžou, Suçžou, Tianszin we Žiçžao (Hytaý) girýär.

**Kasym SEÝIDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

# TÜRKIÝÄNIŇ EKSPORT HARYTLARYNYŇ SERGISI GEÇIRILDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkiýeli önüm öndürijiler önümçilik kuwwatlyklaryny döwrebaplaşdyrmak üçin niýetlenen enjamlaryň we tehnologik ulgamlaryň iň täze görnüşlerini tanyşdyrýarlar. Ýurdumyzy senagatlaşdyrmak boýunça milli maksatnamalary durmuşa geçirmek bilen baglylykda, bu ugur uly gyzyklanma döredýär.

Serginiň çäklerinde iki ýurduň wekilleriniň işewürlik duşuşyklary geçirildi. Munuň özi geljekki geleşikleri ara alyp maslahatlaşmaga we bilelikdäki kärhanalary döretmek boýunça umumy strategiýany işläp taýýarlamaga ýardam berýär. Mejlisiň dowamynda hünärmenleri taýýarlamak meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy. Türk kompaniýalarynyň wekilleri öndürýän enjamlary bilen işlejek türkmen hünärmenleri üçin okuw maslahatlaryny geçirmäge taýýardyklaryny beýan etdiler. Bu giň möçberli çäre türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň hil taýdan täze derejä çykandygyna şaýatlyk edýär. «Iki döwlet – bir millet» ýörelgesine esaslanýan özara hyzmatdaşlyk iki ýurduň abadançylygynyň bähbidine gönükdirilendir.









# BAGT KÖŞGI – MAŞGALA DURMUŞYNYŇ BAŞLANÝAN ÝERI

Medeni gymmatlyklar halkyň taryhy tejribesinden, ruhy dünýäsinden we durmuş ýörelgelerinden gözbaş alýan, nesilden-nesle geçirilýän maddy we ruhy mirasdyr. Olar jemgyýetiň özboluşlylygyny saklamaga, milli aňy berkitmäge we agzybirligi ösdürmäge hyzmat edýär. Şolaryň hatarynda toý tutmak hem-de nika baglaşmak ýaly däp-dessurlar hem mynasyp orun alýar.

«Bagt köşgi» toý dabaralary merkezi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda asyrlara barabar özgertmeleri başdan geçirýän ýurdumyzda milli däp-dessurlarymyza laýyklykda toý tutmak we nika baglaşmak dabaralaryny ýokary derejelerde geçirmek, ýaş nesillerimizi ýokary ahlak ruhunda terbiýelemek, toý dabaralarynda medeniýetli hyzmatlary guramak, halkymyzyň agzybirligini we bitewüligini has-da pugtalandyrmak maksady bilen döredilen merkezleriň biridir.

«Bagt köşgi» – türkmen halkynyň asylly toý däplerini döwrebap görnüşde dabaralandyrýan, medeni-estetiki gymmatlyklary özünde jemleýän möhüm binagärlik-medeni merkezdir. Paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýän bu toý dabaralary merkezi, maşgala mukaddesligini, agzybirligi we bagtyýar geljegi dabaralandyrmagyň nusgalyk meýdançasyna öwrüldi.



«Bagt köşgüniň» binagärlik çözgüdi milli nagyşlar bilen häzirki zaman dizaýnynyň sazlaşygyna esaslanýar. Giň we ýagty zallar, bezegleriň inçe-çeperligi, ýokary derejeli akustika we ýagtylandyryş ulgamlary dabaralara aýratyn şowhun we gözellik berýär. Daşky görnüşindäki owadan şekiller hem-de giň meýdançalar toý dabaralaryna mynasyp dereje goşýar.

Ýeri gelende belläp geçsek, 2011-nji ýylda ulanylmaga berlen bu merkez 11 gatdan ybarat bolup, binada ýerleşýän 3 sany uly toý zaly: «Ak ýol» – 1000 orunlyk, «Nur» we «Älem» toý zallary – 500 orunlykdyr. Banketleri geçirmäge niýetlenen kiçi zallar 7 sany bolup, olardan «Çeşme» – 200 orunlyk, «Şugla», «Daragt», «Zamana», «Ajaýyp», «Ýaýla», «Bagtly» zallary 100 orunlykdyr. Nika zallary hem 7 sany bolup, olardan «Şäher» we «Sahawat» zallary 150 orunlyk, «Şapak», «Ýyldyz», «Dessan», «Ylham» we «Şamçyrag» zallary 100 orunlykdyr. Şeýle hem binada 22 otagly myhmanhana, dükandyr hyzmat ediş salonlarynyň 36 sanysy we kafeler bar. Binanyň ýerzemin gatynda 300 ulaglyk ýapyk we daş-töwereginde 300 orunlyk açyk awtoduralga ýerleşýär.

«Bagt köşgi» diňe bir resmi nikalaşma dessurlarynyň ýerine ýetirilýän ýeri bolman, eýsem, türkmen milli toý däpleriniň wagyz edilýän medeni merkezidir. Bu ýerde gelin-gyzlary sylamak, ululary hormatlamak, maşgala bitewüligini berkitmek ýaly gadymdan gelýän däpler döwrebap görnüşde dowam etdirilýär. Toý dabaralarynyň dowamynda milli aýdym-sazlaryň, däp-dessurlaryň we milli lybaslaryň ulanylmagy medeni mirasyň nesilden-nesle geçirilmegine hyzmat edýär.

Halkymyzyň tutýan toýlary täze öwüşginler, döwrebap däpler bilen barha baýlaşýar. Häzirki wagtda «Bagt köşgi» toý dabaralary merkezi milli toýlarymyzyň şatlyk-şowhuna, beslenip geçirilýän mekanyna öwrüldi. Merkeziň ulaglarynyň maddy-tehniki bölümçesi 2 sany «Linkoln-Limuzin» kysymly limuzin, 10 sany «Linkoln-Sedan» kysymly kabriolet, 2 sany «Toýota Coaster» kysymly awtobus, jemi 14 sany awtoulaga tehniki hyzmatlary amala aşyrmak, ilatyň toý-baýramlary bilen baglanyşykly awtoulaglary kärendesine bermek boýunça sargytlary kabul etmek, alnan sargytlar boýunça awtoulag hyzmatlaryny ýerine ýetirmek işlerini alyp barýar. Awtoulaglar häzirki zaman we milli äheňlerde bezelýär.

«Bagt köşgi» – bagtyýar maşgalalaryň döreýän, milli däpler bilen häzirki zaman medeniýetiniň utgaşýan merkezi bolup, halkymyzyň ruhy baýlygyny, asylly däplerini we geljege bolan ynamyny dabaralandyrýan nusgalyk medeni ojak hökmünde tanalýar.

**Güljemile ŞAMYRADOWA,**
*Aşgabat şäher häkimliginiň «Bagt köşgi» toý dabaralary merkeziniň esasy usulyýetçi maslahatçysy.*

## Dünýä ülňülerine laýyk derejede ylym-bilim berilýär

Berkarar ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan döwrebap özgertmelerde Watanymyzyň röwşen geljegi bolan ýaşlara aýratyn uly üns berilýär. Olaryň kämil hünärli bolmagy, bilimleriniň artmagy, gözýetiminiň, dünýägaraýşynyň giňemegi üçin ähli döwrebap şertler döredilýär. Bu ugurda amala aşyrylýan tutumly işler ýaşlaryň bagtyýar şu güni we eşretli geljegi baradaky aladadan ugur alýar.



Türkmen ýaşlaryna dünýä ülňülerine laýyk derejede ylym-bilim berilmegini üpjün etmek ýurdumyzda esasy wezipe bolup durýar. Biziň häzirki ýaşaýan döwrümizde ylym-bilim iň wajyp ugurlaryň biri bolup durýar. Ýokary bilimlilik we öz kesbiňde kämillik bolsa, jemgyýetde öz ornuňy tapmak üçin girewdir. Şol sebäpli hem öz ukybyňa görä kämilleşmek, häzirki zaman tehnologiýalaryndan habarly bolmak gerek.

Gahryman Arkadagymyz «Hakyda göwheri» atly kitabynda: «Men hemişe öwrenýän, bilmäge jandan höwesek adamlara sarpa goýýaryn. Özümem hemişe öwrenmegi, dyngysyz okamagy berk durmuş ýörelgesi hökmünde öňden ykrar etdim. Öwrenmek, bilmek durmuşyň bütin dowamynda saňa örän gerek. Sen näçe okumyş, erjel hem bolsaň, her bir ugruň hem öz tapylgysyz ussatlarynyň bardygyny unutma! Olara hut şonuň üçin hem sarpa goýmagy başar. Sebäbi her bir işde ussatlyga ýetmek uçursyz uly zehiniň we yhlasyň, ukybyň miwesidir» diýip belleýär.

Bilim özgertmeleriniň ýene bir ileri tutulýan ugry dil öwretmek meselesidir. Ýaş hünärmenleriň dünýäniň iň täze ylmy-tehniki maglumatlaryndan habarly bolmagy üçin gaýry dilleri, ykdysady we ylmy dilleri bilmegi zerurdyr.

Dil öwretmekde bilim ojaklarymyzda kommunikatiw lingwistika we integrirlenen okuw usullaryna uly orun berilýär. Bu usullar dili diňe bir nazary taýdan däl, eýsem, ony hünär ugurlary (matematika, fizika, taryh) bilen utgaşdyryp öwretmäge esaslanýar.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## Emeli aňyň işewürlik ulgamyndaky mümkinçilikleri

Dünýäniň globallaşýan sanly ulgamyň durmuşymyza has içgin aralaşýan şertlerinde emeli aňy işewürlikde peýdalanmaga bolan isleg artyp, işewürlik dünýäsiniň aýrylmaz bölegine öwrülýär.

Emeli aň tehnologiýasy işewürlere maglumatlaryň takyk seljermesine esaslanan netijeleri çykarmaga kömek edýär. Ol bu pudagyň çig mal üpjünçilik zynjyryndan başlap, önümçiligine, müşderileriň taýýar harydy sarp edişine çenli gözegçilik etmäge mümkinçilik döredýär. Emeli aň tehnologiýasy kärhanalaryň öndürijiligini ýokarlandyrmaga, bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmaga, täze iş ugurlaryny açmaga mümkinçilik berýär.



Emeli aň tehnologiýalary işewürlere daşary ýurtlar bilen amala aşyrýan söwda işinde hem birnäçe artykmaçlyklary gazandyryp, önüm öndürmekden başlap, gümrük amallaryna çenli birnäçe ýeňillikleri döredýär.

Elektron söwda emeli aň tehnologiýasynyň giňden ulanylýan ugurlarynyň biri hasaplanýar. Işewürler emeli aň tehnologiýalarynyň üsti bilen öz internet sahypalaryndan müşderilere hyzmatlaryny hödürleýärler. Bu bolsa olara öz kärhanalarynyň bäsdeşlige bolan ukyplylygyny artdyrmaga ýardam edýär.

Emeli aň tehnologiýasy işewürlere maliýe bazarlaryny seljermäge, ýüze çykyp biljek töwekgelçilikleri öňünden bilmäge, müşderilere şahsy maslahatlary bermäge kömek edip, işewürleriň maliýe dolandyryşyny ep-esli gowulandyrýar. Şeýle işleri adama garanyňda, has çalt ýerine ýetirýär. Bu ýagdaý işewürlerde emeli aň esasly tehnologiýalaryň kärhananyň işiniň mazmunyny üýtgetjekdigi baradaky ynamy artdyrýar.

Bu tehnologiýa anyk ulanyjylar toparyna gönükdirilen mahabat işini hem ýerine ýetirip bilýär. Belli ulanyjylar toparyna gönükdirilen onlaýn mahabat işini awtomatlaşdyrmak, teklipler ulgamyny kämilleşdirmek we müşderilere şahsy teklipleri hödürlemek hem emeli aňyň geljegi uly bolan ugurlarynyň biri hasaplanýar.

**Güýçmyrat SOLTANMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.*

## Dörtden biri «iPhone», bäşden biri «Samsung»



**Ilkinji el telefonlary 1970-nji ýyllarda çykan hem bolsa, esasan, smartfonlar 2000-nji ýyldan soňra ýaýbaňlanyp başlady. «Counterpoint Research» maglumat beriş kompaniýasynyň täze çaklamasyna görä, dünýäde 1 milliard töweregi smartfon işjeň ýagdaýda ulanylýar. Olaryň arasynda, esasan, iki brend – «Apple» we «Samsung» öňe saýlanýar. Amerikan we koreý kompaniýalarynyň önümleri bazaryň ýaryna golaýyny – 45 göterimini eýeleýär.**

**Dünýäde ulanylýan smartfonlaryň 25 göterimi, ýagny her dört telefondan biri «iPhone». Bu telefonyň köp muşdagy her ýyl täze nusgasyny almaga garaşýan hem bolsa, «iPhone»-lary uzak ýyllap ulanýanlar hem az däl. Çaklamalara görä, «Samsung» smartfonlary bolsa, bazaryň 20 göterimini emele getirýär. «Apple»-den tapawutlylykda, «Samsung» köp ýyldan bäri adaty el telefonlaryny hem öndürýär. Emma çaklamada diňe «akylly» telefonlar göz öňünde tutulypdyr. Koreý brendiniň has köp görnüşli telefonlary bar.**

**Hytaýyň «Honor» telefonlarynyň satuwy hem soňky ýyllarda has artypdyr. Dünýäde bu telefonlary ulanýan 200 million töweregi abonent bar. Bu kompaniýa ýokary hilli smartfonlary amatly bahadan hödürlemegi bilen tapawutlanýar. «Motorola» we «Realme» ýaly hytaý brendleriniň hem ulanyjylarynyň sany barha artýar. Hytaýly kompaniýalar ilki 5G, soňky ýyllarda bolsa, eplenýän ekranly smartfonlary hem has köp öndürýär. Bu bolsa, olara islegi artdyrýar.**

**Selbi BAÝMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Syýahatçylykda ösen ýurtlar

Geçen ýyl dünýäde syýahatçylykda uly ösüş gazanyldy. Maglumatlara görä, halkara syýahatçylaryň sany 4 göterim ösüp, 1,52 milliarda ýetdi. Köp syýahatçy kabul edýän ýerlerde durnukly ösüş dowam etdi. Bulardan başga-da, käbir ýurtlarda has ýokary ösüş gazanyldy. Braziliýa baran syýahatçylaryň sany 37 göterim artyp, ýurt bu ugurda iň uly ösüş gazanan döwlet boldy. Syýahatçylyk pudagynyň kadaly ösüşine üns berýän Butanda 30 göterimlik ösüş gazanyldy. Tebigy aýratynlyklary bilen tapawutlanýan Islandiýada syýahatçylaryň sany 29 göterim artypdyr. Günorta Amerikadaky Gwineýada 24%, geçen ýyl dünýäniň iň uly muzeýini açan Müsürde 20% ösüş gazanyldy.



Afrikada Müsürden başga-da Günorta Afrika Respublikasynda (19%), Marokkoda (14%) we Seýşel adalarynda (13%) uly ösüş gazanyldy. Aziýada bolsa, Ýaponiýada we Şri-Lankada 17% ösüş hasaba alnypdyr. Koreýa Respublikasynda bu görkeziji 15% bolupdyr.

Bilermenler syýahatçylaryň has köp tebigy aýratynlyklary bilen tapawutlanýan ýerlere isleg bildirip başlandyklaryny belleýärler. Şeýle hem syýahatçylyk infrastrukturasyna maýa goýýan, wiza almagy ýeňilleşdirýän ýurtlara baran syýahatçylaryň artýandygyny görmek bolýar.

Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy 2026-njy ýylda bu pudakda 3-4% aralygynda ösüş boljakdygyny çaklaýar.

**Şamyrat NURYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, kapitan.*

## Bahar baýramynda täze rekord: 9,5 milliard petek satylar

Hytaýda Aý Täze ýyly (Bahar baýramy) mynasybetli dünýäniň iň uly her ýylky ilat migrasiýasy başlandy. Hytaýyň hökümetiniň resmi maglumatlaryna görä, şu ýylky baýramçylyk döwründe ýurtda rekord derejede – 9,5 milliard saparyň amala aşyrylmagyna garaşylýar. Döwlet ösüş we reformalar komitetiniň habar bermegine görä, 40 günlük «Çunýun» döwründe 540 million ýolagçy demir ýollary, 95 million ýolagçy howa ýollary arkaly, galan uly bölegi bolsa awtomobil ulaglary bilen başga bir şähere gider.




Her ýyl fewral aýynda başlaýan bu baýramçylyk döwründe ýüz millionlarça hytaýly öz maşgalalary bilen duşuşmak üçin uzak şäherlere gidýär. Ýurt ýokary tizlikli otly ýollary bilen tanalýan hem bolsa, haýal ýöreýän adaty otlular hem giňden peýdalanylýar.

Baýramçylyk mynasybetli Pekiniň we beýleki iri şäherleriň demir ýol menzillerine has köp ýolagçy barýar. 15-nji fewralda başlanýan 9 günlük resmi dynç alyş aýry-aýry şäherlerde ýaşaýan uly maşgalalaryň jemlenmegi üçin mümkinçilik bolup durýar. Aý Täze ýyly baýramçylygy 17-nji fewralda bellenilýär.

**Mähri BEGÇAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 13-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118099
Belgisi: 7/1677
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Çagalar bagy – terbiýeçilik ýolunyň başlangyjy

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda garaşsyz ýurdumyzyň bagtyýar nesillerini terbiýelemekde mekdebe çenli bilim edaralarynyň orny aýratyn uludyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesli watansöýüjilik ruhunda, sagdyn, bilimli hem-de ahlak taýdan kämil edip terbiýelemek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şu möhüm wezipäniň üstünlikli ýerine ýetirilmeginde mekdebe çenli bilim edaralary, şol sanda Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabyndaky 27-nji çagalar bakja-bagy hem aýratyn orny eýeleýär.

Çagalar bakja-bagynda terbiýeçilik işi döwrebap pedagogik talaplara laýyklykda, döwlet tarapyndan tassyklanan bilim-terbiýe maksatnamalary esasynda alnyp barylýar. Terbiýeçi her bir çaganyň ýaş we psihologik aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, olaryň şahsy ukyp-başarnyklarynyň açylmagyna, özbaşdak pikirlenmegine we döredijilikli ösmegine gönükdirilen işleri yzygiderli ýerine ýetirýär.

Bakja-bagynda geçirilýän sapaklar we gündelik çäreler çagalaryň akyl-paýhasyny ösdürmäge, sözleýiş medeniýetini baýlaşdyrmaga, ma-



tematik düşünjeleriň, daşky gurşaw baradaky başlangyç bilimleriň kemala gelmegine ýardam edýär. Şeýle-de oýun arkaly öwretmek usuly giňden ulanylyp, çagalaryň öwrenmäge bolan höwesi ýokarlandyrylýar. Terbiýeçilik işinde milli terbiýä, halkymyzyň asylly däp-dessurlaryna aýratyn üns berilýär. Çagalarda ululara hormat goýmak, kiçilere mähirli bolmak, dostlukly gatnaşyk saklamak, zähmetsöýerlik ýaly häsiýetler kemala getirilýär. Döwlet baýramçylyklaryna, milli senelere bagyşlanan çäreler, sahnalaşdyrylan çykyşlar we döredijilik bäsleşikleri çagalaryň watançylyk duýgularynyň berkemegine hyzmat edýär.

Sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak hem bakja-bagynyň esasy ugurlarynyň biridir. Bedenterbiýe maşklary, herekete baý oýunlar, arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilmegi çagalaryň saglygynyň berkidilmegine gönükdirilendir. Terbiýeçi çagalaryň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen birlikde, olara arassaçylyk endiklerini öwretmäge hem aýratyn ähmiýet berýär. Ata-eneler bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyk terbiýeçilik işiniň aýrylmaz bölegidir. Yzygiderli geçirilýän ýygnaklarda, maslahatlarda we bilelikdäki çärelerde çagalaryň terbiýesi boýunça özara düşünişmek üpjün edilýär.

Terbiýeçi öz zähmet ýolunda çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny, psihologik häsiýetlerini çuňňur öwrenip, olara bilim we terbiýe bermegiň döwrebap usullaryny üstünlikli ulanýar. Onuň her bir sapagy, her bir terbiýeçilik çäresi çagalaryň akyl-paýhasyny ösdürmäge, özbaşdak pikirlenmegine, döredijilikli ösmegine gönükdirilendir. Terbiýeçi çagalaryň ahlak terbiýesine aýratyn ähmiýet berýär. Olarda watançylyk, zähmetsöýerlik, dost-doganlyk, ululara hormat goýmak, tebigata söýgi bilen çemeleşmek ýaly asylly häsiýetleriň kemala gelmegi üçin yzygiderli işler alnyp barylýar. Milli däp-dessurlara, halkymyzyň ruhy gymmatlyklaryna bagyşlanan çäreler terbiýeçilik işiniň aýrylmaz bölegidir.

Umuman, bakja-bagymyzda alnyp barylýan terbiýeçilik işleri ýaş nesliň sazlaşykly ösmegine, olaryň geljekde Watanymyzyň mynasyp raýatlary bolup ýetişmegine ýardam berýär.

**Gülnar ŞYHYÝEWA,**
*Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabyndaky 27-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.*

# Türkmenistan – bedew batly ösüşleriň mekany

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýanwar aýynda senagat önümçiligi, hususan-da, ýangyç-energetika toplumy, gurluşyk we himiýa senagaty pudaklarynda öndürijiligiň ýokarlanmagy üpjün edildi. Nebitgaz pudagynda al-



nyp barylýan döwrebaplaşdyryş işleri, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy önümçiligiň möçberiniň artmagyna oňyn täsir etdi.

Oba hojalyk pudagynda hem meýilleşdirilen işler üstünlikli ýerine ýetirildi. Ekerançylykda we maldarçylykda önümçilik görkezijileri durnukly saklanyp, içerki bazar azyk önümleri bilen yzygiderli ýagdaýda üpjün edildi.

Şeýle hem maýa goýum işjeňligi ýokary derejede dowam etdi. Döwlet we hususy maýa goýumlarynyň netijesinde iri önümçilik desgalarynyň gurluşygy alnyp baryldy, täze iş orunlary döredildi. Bu ýagdaý ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna, zähmet bazarynyň işjeňleşmegine ýardam berdi.

Daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda hem oňyn netijeler gazanyldy. Eksport ugurly önümleriň möçberiniň artmagy, halkara hyzmatdaşlygyň giňelmegi milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny has-da berkitdi.

Umuman, 2026-njy ýylyň ýanwar aýynda gazanylan guwandyryjy ykdysady netijeler ýurdumyzyň durnukly ösüş ýolunda ynamly öňe barýandygyny tassyklaýar. Nebitgaz, söwda, ulag-aragatnaşyk toplumlarynda, oba hojalyk pudagynda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport, medeniýet ulgamlarynda özgertmeler üstünlikli dowam etdirilýär. Häzirki wagtda täze senagat desgalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň, dynç alyş we saglyk merkezleriniň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, beýleki desgalaryň gurluşygy üstünlikli alnyp barylýar. Bu üstünlikler geljekde ykdysady ösüşiň depginini has-da ýokarlandyrmak, ilatyň abadançylygyny üpjün etmek üçin berk binýat bolup hyzmat edýär.

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Türkmen ýaşlary şanly ýyla üstünlikli başladylar

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça döwlet syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmen ýaşlarynyň döwrebap bilim almaklary, hünär öwrenmekleri, ylym bilen meşgullanmaklary, daşary ýurtlaryň talyplary bilen tejribe alyşmaklary üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Ýaşlar ýurdumyzda we daşary ýurtlarda geçirilýän halkara olimpiadalara, ylmy-amaly maslahatlara işjeň gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar. Ýakynda geçirilen sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisinde bilim ulgamynda şu ýylyň ýanwar aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada berlen hasabatda mekdep okuwçylary we talyp ýaşlar halkara ders, internet bäsleşiklerine gatnaşyp, jemi 62 medal gazandylar diýlip bellenildi.

Munuň aýdyň subutnamasy hökmünde, 24-29-njy ýanwar aralygynda Özbegistan Respublikasynyň Buhara şäherinde geçirilen ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Buhara halkara matematika we himiýa olimpiadalarynda gazanylan üstünlikleri görkezmek bolar.

Halkara bäsleşiklere Özbegistan, Türkmenistan, Russiýa, Hytaý, Hindistan, Pakistan, Azerbaýjan, Iordaniýa we Täjigistan ýaly 10-dan gowrak ýurtdan 500-den gowrak talyp we 100 topar gatnaşdy. Bu olimpiadada Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary ajaýyp netijeleri görkezdiler we jemi 46 medal (17 altyn, 17 kümüş we 12 bürünç) gazandylar.

29-njy ýanwar – 2-nji fewral aralygynda Tailand Patyşalygynyň paýtagty Bangkok şäherinde ylym we tehnologiýa äleminiň iň abraýly halkara çäreleriniň biri bolan «Ýaşlaryň arasynda ylmy açyşlar we innowasiýalar» (WYSII 2026) atly bäsleşik geçirildi.

Bu bäsleşik dünýäniň dürli künjeklerinden iň zehinli ýaşlary bir ýere jemläp, täzeçil pikirleriň dabaralanan meýdançasyna öwrüldi. Bäsleşige Malaýziýa, Tailand, Indoneziýa, Filippinler, Italiýa, Gonkong, Gazagystan, Bangladeş, Meksika we Türkmenistan ýaly döwletlerden jemi 715 talyp we 232 ylmy iş topary gatnaşdy.

Türkmenistanyň wekilleri bu bäsleşigiň iň ýokary baýraklaryny eýelediler. Has takygy, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inženertehnologiýalar uniwersitetiniň talyby M.Rozymyradow, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyplary J.Jumaşow we B.Muhammedow, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyplary M. Hangeldiýew we Y. Kurbanow dagylar baýrakly orunlara mynasyp boldular.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda gazanylan bu ilkinji üstünlikler ýurdumyzyň bilim ulgamynyň dünýä derejesindäki abraýyny has-da berkitdi. Häzirki wagtda türkmenistanly okuwçylar Gazagystan Respublikasynyň paýtagty Astana şäherinde 2026-njy ýylyň 10-13-nji fewraly aralygynda geçirilýän «Central ASIA FIRST Championship 2026» atly STEM (ylym, tehnologiýa, inženerçilik we matematika ) olimpiadasyna gatnaşýarlar.

Dünýädäki iň uly tehnologiýa guramasy bolan First Global guramasy (ABŞ) tarapyndan guralýan halkara bäsleşigi 100-den gowrak döwletden gatnaşýan 7000-den hem köp topar tarapyndan 70 000-den gowrak okuwçynyň bäsleşýän iň uly robot çempionatydyr.




Çempionat ilki sebitleýin, 30 döwletde (Merkezi Aziýa tapgyry Gazagystanda), jemleýji tapgyry ABŞ-nyň Hýuston şäherinde geçirilýär. Jemleýji tapgyra gatnaşmak üçin sebitleýin geçirilýän tapgyrda 400-den gowrak topardan saýlanan 60 topar bilen bäsleşerler. Ýurdumyz bu bäsleşige ilkinji gezek 2025-nji ýylda gatnaşyp, «Halkara üstünlik» atly baýragy gazanmagy başardy. Bu ýyl hem bu abraýly bäsleşige ýurdumyzdan gatnaşýan «OguzRobot» we «Erjeller» toparynyň üstünlikli çykyş etjekdiklerine uly ynam bildirýäris.

Halkara derejesinde gazanylan bu üstünlikler ýurdumyzda bilim ulgamynyň täze belentliklere çykýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Biz ýaşlara döwrebap bilim almaga, dünýä derejesindäki bäsleşiklerde ýurdumyzyň abraýyny belende götermäge döredip berýän ähli mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza minnetdarlyk bildirýäris.

**Şemşat TATOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 46-njy orta mekdebiň müdiri.*

# Kitap – adamzat medeniýetiniň çeşmesi

Şu ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ady bilen yglan edilmegi ýurdumyz üçin taryhy gymmatlyklary, milli buýsanjy we geljege ynamy özünde jemleýär. Bu şygar Garaşsyzlygyň mizemez esaslaryny, baky Bitaraplygyň parahatçylyk dörediji syýasatyny we türkmen halkynyň müňýyllyklardan bäri dowam edip gelýän atçylyk medeniýetini wasp edýär.

Şu ýylyň dowamynda milli mirasy gorap saklamak, atçylyk sungatyny ösdürmek, bedew atlaryň şan-şöhratyny dünýä ýaýmak bilen bagly çäreleriň giň gerimde geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Şeýle hem ýaş nesilde watansöýüjiligi, milli gymmatlyklara hormat goýmagy we zähmetsöýerligi terbiýelemek esasy maksatlaryň biridir. Bu ugurda ýurdumyzyň kitaphana işiniň wekilleri hem öz mynasyp goşandyny goşmak ugrunda yhlasly zähmet çekýärler.

Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasy bilen Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň kitaphana işgärleri Gahryman Arkadagymyzyň «Atda wepa-da bar, sapa-da», «Ganatly bedewler», «Gadamy batly bedew» atly ajaýyp eserlerinden täsirli söhbetdeşlikler guraýarlar. Bu eserler milli buýsanjymyz bolan bedewlerimiziň müňýyllyklaryň dowamynda beýik sungat



hökmünde kemala gelşi, gylyk-häsiýetleri barada gymmatly maglumatlaryň çeşmesi bolup, türkmen halkynyň buýsançly başyny göge ýetirdi.

Kitap adamzat medeniýetiniň, ylmy ösüşiň we ruhy baýlygyň esasy çeşmeleriniň biridir. Kitaphanalar bolsa bu gymmatly mirasy nesilden-nesle ýetirýän möhüm bilim we medeni merkezler bolup durýar. Häzirki döwürde kitaphana işini kämilleşdirmek, aýratyn-da çagalaryň kitap okamaga bolan höwesini artdyrmak döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir.

Kitaphana işi jemgyýetiň aň-bilim derejesini ýokarlandyrmakda aýratyn orna eýedir. Döwrebap kitaphanalar diňe bir kitap saklanýan ýer bolman, eýsem, okuw, terbiýe, ylmy-barlag we medeni çäreleriň geçirilýän ýerine öwrülýär. Kitaphanalarda sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy, elektron kataloglaryň döredilmegi we okyjylara döwrebap hyzmatlaryň hödürlenmegi bu ulgamda alnyp barylýan işleriň netijeliligini ýokarlandyrýar.

Çagalar kitaphanalary ýaş nesliň aň-düşünjesiniň kemala gelmeginde aýratyn ähmiýete eýedir. Çagalar üçin niýetlenen kitaphanalarda olaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk kitaplar, ertekiler, ylmy-köpçülikleýin neşirler we terbiýeçilik ähmiýetli eserler jemlenýär. Şeýle hem kitap okamak çäreleri, döredijilik duşuşyklary, edebi bäsleşikler we terbiýeçilik söhbetdeşlikleri yzygiderli geçirilýär.

Çagalaryň pikirleniş ukybynyň, söz baýlygynyň we döredijilik başarnyklarynyň ösmegine ýardam berýän kitaphanalaryň işini ösdürmek, maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek we hünärmen kitaphanaçylary taýýarlamak möhüm wezipeleriň biridir. Ýurdumyzda kitaphana işiniň kämilleşdirilmegi we çagalar kitaphanalaryna aýratyn üns berilmegi bilimli, watansöýüji we ruhy taýdan baý nesli terbiýelemäge gönükdirilen möhüm ädim bolup durýar.

**Uzukjemal SAPAROWA,**
*Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Nury Baýramow adyndaky kitaphana şahamçasynyň şahamça müdiri.*

# DÜNÝÄNIŇ DAÝANJY BOLAN TOGRUL BEG

## ýa-da Seljuklylar döwletiniň taryhy hakynda

Ýazyjylyk bilen meşgullanýan adam üçin taryha ser salmak halkyň beýik geçmişine söýgi duýgusyny joşdurýar, täze eserleri ýazmaga iterýär. Türkmenler bolsa, taryhda ençeme şadöwletleri döreden halk bolup, olaryň hatarynda beýik Seljuklylar döwletiniň döreýşi has-da gyzyklydyr.

...IX asyrdan başlap XIII asyra çenli aralykdaky möwrit ata-babalarymyzyň ady, olaryň söweşleri, göç-hä-göçlügi bilen şeýle bir hyryn-dykyn welin, göz öňünde ymgyr taryhy giňişlik ýaýylyp gidýär. Bu dogrusynda «Şejere-i-Terakimede» şeýle ýazylypdyr:

– Oguz ili göçüp-gonmadyk ýol barmy?
Öýün dikip oturmadyk ýurt barmy?

Şu möwritde türkmenleriň-seljuklaryň guran örän kuwwatly döwletiniň durky-kamaty seni özüne şeýle bir bendi edýär welin, taryhçylaryň biriniň jaýdar belleýşi ýaly, ol döwletiň ýürek urgusyna bütin dünýä diň salypdyr, onuň çäkleri onlarça döwleti özüne sygdyryp bilerlik derejede giň bolupdyr, täsiri has alyslara ýetipdir.

Bu döwletiň döremeginiň çylşyrymly we gyzykly taryhy bar.

Seljuk türkmenleriniň mal-baýlyklarynyň artmagy, şeýle-de seljuk we beýleki türki halkyýetleriň örňäp-ösmegi täze-täze zerurlyklary ýüze çykarypdyr. Bu, ilkinji nobatda, ýaşamak üçin amatly bolan mes toprakly ýerleriň, mallar üçin sonar ýaýlalaryň zerurlygy bilen baglydyr. IX-XI asyrlarda türkmenleriň ýagdaýy hakynda arap-pars çeşmelerinde «olaryň goýunlary kän, özleri-de batyr, gaýduwsyz...» diýen äheňdäki maglumatlar köp duşýar. Bu ýagdaý, ýagny baý türki çarwalaryň gitdigiçe köpelmegi Seljuklylar döwletiniň döremeginiň ilkinji şertleriniň biri boldy diýmäge esas berýär.

Mirhond, Abu-l-Fazl Beýhaky, Gardizi, ibn al-Asir, Ar-Rawendi we beýleki arap-pars taryhçylarynyň ýazgylarynda Seljuk babamyzyň gelip çykyşy barada maglumatlar, esasan, bir zady – onuň mal-baýlygynyň depseň ýranmaz bolandygyny görkezýär. Şeýle-de, onuň at-ýaragy tükel, saýyrdyň goşunyň serkerdesi bolandygy-da agzalýar. Şunlukda, Seljugyň – Oguz han atamyzyň ýigrimi dört agtygynyň iň körpesi Kynygyň neberelerinden bolan, gepi diňlenýän barjamly kişiniň Mawerannahrda peýda bolmagy, elbetde, Gaznalylar köşgüni ynjalykdan gaçyrýar. Seljugyň we onuň ogullarynyň abraýy artyp başlaýar. Şonuň üçinem bu iki uly güýjüň – Gaznaly döwleti bilen seljuklaryň arasyndaky gapma-garşylygyň ilkinji alamatlary ýüze çykýar. Ýokarda ady tutulan taryhçylaryň ýazgylarynda ol gapma-garşylyk dürli häsiýetde teswirlense-de, taryhy maglumatlaryň äheňi türkmenleriň-seljuklaryň esasy bir zady – ýaşamak üçin ýurt gözländiklerini subut edýär. Bu gapma-garşylygy Garahanlylar öz bähbitleri üçin ulanypdyrlar, olar köp halatda seljuklardan heder edip hem-de Gaznalylar bilen dil düwşüp, olaryň – seljuklaryň garşysyna hileli, hyýanatçylykly syýasat ýöredipdirler. Seljukly türkmenleriň hemişelik oturymlylaşmak üçin ýer gözländiklerini, Gaznaly köşgi bilen oňşukly ýaşamaga çalşandyklaryny taryhy ýazgylar inkär edenok. Seljukly türkmenleriň Gaznalylar döwleti bilen agzybir ýaşamak isländigi serkerde hökmünde Muhammet Togrul begiň, Dawut Çagry begiň we Musa Ýabgunyň öňe çykan ýyllary has-da duýlup dur. Olaryň soltan Mahmyt Gaznalydan özleriniň Horasana gelmegine ejaza bermegini haýyş etmekleri-de muňa güwä geçýär. Hut şu maksat bilen olar Gaznaly köşgüne birnäçe gezek ilçi hem ýollaýarlar. Emma Gaznalylaryň taryhyny ýazan, emir Mahmyda we onuň ogly Masuda ýakyn adamlaryň biri bolan Abu-l Fazl Beýhakynyň seljuklar babatdaky garaýyşlary dogrusynda bir söz diýilmeli bolsa, megerem, «ol köşgüň seljuk türkmenlerine garşy alyp baran syýasatyny adyl görkezmek isläpdir» diýse bolardy. «Taryhy Beýhakynyň» awtory seljuklary tankytlaýar. Emma belli türkmen alymy Ý.Atagarryýew Muhammet Togrul begiň şahsyýeti hakyndaky makalasynda muny inkär edýän şeýle bir delili getirýär: fransuz professory Enn Lembte türkmen-seljuk serkerdeleriniň hereketlerini Gaznalylaryňka garanyňda, ynsanperwer hasaplaýar. Diýmek, türkmen-seljuk döwleti döremän biljek däldi, ol taryhyň emridi diýse bolar.

Seljuk 107 ýaşap aradan çykýar we kethudalyk onuň uly ogly Ysraýyla geçýär. Şondan soň, has takygy, 992-nji ýyldan tä 1040-njy ýyla çenli türkmenler syýasy çylşyrymlylygy başdan geçirýärler. Olar Garahanlylar, hususan-da Gaznalylar köşgi tarapyndan garşylyga duçar bolupdyr. Mahmyt we Masud Gaznalynyň biadyl hereketleri, äsgermezçiligi seljuk türkmenleriniň degnasyna degýär, oguzlaryň kynyk tiresinden, Seljugyň agtygy Muhammet Togrul begiň we Dawut Çagry begiň serkerdelik eden döwründe bolsa, bu dartgynlylyk has-da ýitileşipdir.

1025-1026-njy ýyllarda dört müň öýli türkmen Mahmyt Gaznalynyň rugsat bermegi bilen Amyderýadan geçip, Horasana aralaşýar. Olar Togrul we Çagry begiň kakasy Mikaýylyň dogany Ysraýyl ölenden soň, onuň eýesiz galan goşunlarydy. Ysraýylyň ölümini guran, ýagny, ony hile bilen köşgüne getirip, el-aýagyny gandallap Hindistanda bendilikde çüýredenem Mahmyt Gaznalydy, ol bu türkmenleri-de wada bilen özüne gulluga alýar. Ýer bölüp berse-de, soltan Mahmyt olara iki esse salgyt salypdyr, salgyt tölemäge gurby çatmadyklaryň bolsa öýlerini ýakyp-ýandyryp, ogulgyzlaryny gul-gyrnak edipdir. Gaznalylaryň Horasandaky salgyt ýygnaýjylarynyň üsti bilen türkmenleri birehim talaýyşlary barada Beýhakynyň taryhynda maglumatlar bar.

1027-nji ýylda jebir-süteme çydamadyk türkmenler pitne turuzýarlar, emma pitne gaznalylar tarapyndan basylyp ýatyrylýar, onsoň horasanly türkmenler bosgunlyga ýüz urmaga mejbur bolýarlar. Horasanly garyndaşlarynyň düşen agyr güni Muhammet Togrul begiň, Dawut Çagry begiň sabyr käsesini püre-pür edýär.

Gaznalylar döwletiniň horasanly türkmenler babatyndaky adalatsyz syýasaty «Taryhy Beýhakyda» şeýle beýan edilýär: «Mahmyt Gaznaly ölenden soň tagta çykan ogly Masud horasanly türkmenleriň serkerdeleri Ýagmyry, Bugany, Gökdaşy we Gyzyly aldawa salyp, olary öldürmegi niýetine düwýär. Emma emiriň bu pirimini köşk weziri Hoja Abul Kasym Ahmet ibn Hasan unamaýar. Ol seljukly türkmenler bilen aralykda tutaşýan oduň ullakan ýangyna öwrülmek howpundan gorkup, şeýle diýýär: «Olaryň serkerdelerini öldürmek paýhaslylyk däl, şeýdilse, türkmenler bize ynam etmezler, bu ýalňyşlykdyr».



Gaznalylar döwleti bilen seljukly türkmenleriň arasyndaky garşylyk 1035-nji ýylda ýetjek derejesine ýetipdir, seljuk türkmenleriniň barha kuwwatlanýandygyna magat göz ýetiren Masud Gaznaly olar bilen ylalaşyga gelmek isleýär. Ol Togrul begi, Çagry begi we Musa Ýabguny özüne gulluga çagyrýar, hersine at, ýarag, halat-serpaý ýollaýar. Emma Gaznaly köşgüne indi türkmenleriň ynamy gaçypdy. Olar halat-serpaýdan ýüz öwürýärler, bu bolsa Muhammet Togrulyň we Çagry begiň Masuda açyk uruş yglan etdigidi, olar aýgytly herekete başlaýarlar we 1037-nji ýylyň ýazynda Merwe girýärler.

Merwiň seljukly türkmenler tarapyndan eýelenişini Mirhond «Rauzat-as-Safa» eserinde şeýle beýan edýär: Masud Gaznalynyň goşun serkerdebaşysy Bektugdy türkmenlerden ýeňlenden soň, Merwden çykyp Nişapura, soňam Dehistana gidýär. Merwiň hormat goýulýan danyşmentleriniň üçüsi türkmenleriň ýanyna gelip, Togrul bege Masud Gaznalynyň Merw hakynda alada etmezligi netijesinde, ilatyň halys tozandygyny aýdyp, kömek soraýarlar. Togrul beg olary diňlänsoň, merwlilere hemaýat etjekdigine söz berýär. Ol şäherden gaçyp giden bosgunlary yzyna çagyrýar, tertip-düzgüni ýola goýýar.

Merwlileriň galanyň açaryny seljukly türkmenlere meýletin gowşurandyklaryny eşiden Gaznalylaryň goşuny serkerde Bektugdynyň ýolbaşçylygynda bu ýere gelýär. Uly söweş bolup, seljukly türkmenler ýeňiş gazanýar. Mirhond şol söweş hakynda şeýle ýazýar: «Batyrdyklaryna hem güýçlüdiklerine garamazdan, seljuklar özlerine günä geçmegi we rehimliligi kada edinipdirler. Olar ýeňlen goşuna rehim-şepagat kyldylar, esgerlerine gaçan duşmany kowmagy, ellerini gana bulamagy gadagan etdiler...»

Şondan laýyk bir ýyl soň, 1038-nji ýylda Muhammet Togrul beg Nişapur şäherini eýeleýär. Bu şäheriň juma metjidinde Togrul begiň adyna hutba namazy okalýar, bu sene türkmen-seljuk döwletiniň dörän wagtydyr. Masud Gaznaly iki ýyldan soň, 1040-njy ýylyň 23-nji maýynda Daňdanakanda seljukly türkmenleriň goşuny bilen çaknyşýar. Bu söweşde Gaznalylar ýeňilýärler. Şol gün türkmen taryhynyň iň şöhratly sahypalarynyň biridir.

Sarahsy we Merwi, umuman, Gündogar Horasany öz agasy Dawut Çagry begiň garamagyna goýup, Muhammet Togrul beg on müňlerçe atla baş bolup, günbatara gidýär. 1055-nji ýylda Bagdady, soň tutuş Yragy eýeläp, Reý şäherini paýtagt diýip yglan edýär. Seljuklar döwleti gitdigiçe güýçlenip, täze-täze ülkeleri özüne berkidýär. Şunlukda, Seljuk neberesinden bolan türkmenleriň at-abraýy artýar. Olar harby batyrlygyndan ötri, rehim-şepagatlylygy bilende tanalyp başlaýar.

Nişapura gelip, Muhammet Togrul beg Masud Gaznalynyň tagtyna geçýär. Ýerli halkyň sylagly adamlaryny maslahata çagyryp, olaryň arzy-halyny diňleýär. Nişapurlylaryň özüne hoşamaý garaýandyklaryny göz öňüne tutup, soltan ilaty iki ýyllap salgyt tölemekden boşadýandygyny yglan edýär. Türkmenleriň-seljuklaryň guran täze döwletiniň berkemegine Togrul begiň hut şu häsiýetleri hem uly ýardam edýär. «Mälik-al-mülk» derejesi ykrar edilen Muhammet Togrul beg ýörişiniň bütin dowamynda öňünden çykan illeriň köpüsini gandöküşiksiz, parahatçylykly ýol bilen özüne tabyn edýär.

* * *

Taryhçy Gardizi «Zeýn Al-Anbar» atly kitabynda türkmen serkerdesi Dawut Çagry begiň rehimdarlygy, mertligi bilen bagly şeýle wakany gürrüň berýär.

Türkmenleriň ilçileri emir Masud Gaznalynyň goşun serkerdesi Hajyb Bektugdynyň ýanyna gelip, emiriň özleri üçin ýaşar ýaly Watan, mallary üçin ýazlag bermegini soraýarlar. Emma Bektugdy türkmen ilçileriniň ýüzüni alyp, kowup goýberýär. Munuň bilenem çäklenmän, olaryň sany juda az bolan goşunynyň üstüne çozup, ýesir düşenlerini zalymlyk bilen gyryp, talaňçylyk edýär. Bu habary Dawut Çagry bege ýetirýärler. Ol goşuny bilen gelip, Bektugdynyň goşunyna garşy söweşe girýär. Şol ýowuz söweşde ýeňlip barýandyklaryny görüp, Bektugdy gaçýar, emiriň beýleki bir serkerdesi ibn Aly ibn Mikail bolsa, türkmenlere garşy mert durup söweşýär. Onuň mertligine Dawut Çagry begiň göwni ýetýär we öldürmän, tussag edýär.

Gardiziniň Daňdanakan söweşi baradaky gürrüňi bolsa, türkmenleriň harby sungatynyň gaznalylary neneň-niçiksi heder etdirendigini görkezýär. 1040-njy ýylyň 23-nji maýynda bolan şol söweşde Masud Gaznalynyň goşuny aljyraňňy we gorkuly hala düşýär. «Gün doganda (görseler), ähli ýapylaryň, baýyrlaryň we gaýalaryň ýüzüni türkmenler eýeläpdir, şunlukda, gaznalylar goşunynyň ýoluny bökdäpdirler. Muny görüp, emir Masud urşa taýýarlanmaga buýruk berdi.

Goşun nyzama düzülip, söweş tertibine geldi we sap-sap bolup, öňe süýşüp başlady. Türkmenlerem söweş ýagdaýyna girdiler, harby däplerine görä, atly nyzama düzüldiler».

Türkmenleriň 16 müň adamdan ybarat goşunyny gören emir Masud söweşe gelendigine ökünip, şeýle diýýär: «Öňümizde bulaşyk bir iş dur. Maňa Hyrada gitmek we parahatçylyk barada ylalaşyk baglaşmak gerekdi. Indi giç. Hudaý kysmatymyza näme ýazan bolsa, görübermeli bolar-da...»

Şunlukda, Muhammet Togrul soltan Amyderýadan Ýewfrat derýasy aralygyny eýeläp, ägirt uly imperiýany döredýär. Bagdady eýeländen soň (1055ý.) oňa «Gündogaryň we günbataryň soltany hem-de patyşasy» diýen unwan berilýär. 1059-1060-njy ýyllarda bolsa, «Dünýäniň daýanjy we diniň ynanjy» diýen dereje berilýär, hormatyna pul zikgelenip, onuň bu ady şol pula ýazylýar.

Taryh Muhammet Togrul beg barada ýagşy sözleri bize miras galdyrypdyr. Ine, şolaryň biri:

XII asyr taryhçysy Ymameddin Yspyhanyda şeýle maglumat bar: 1038-nji ýylda seljuklar Nişapura gelende, Remezan aýy eken. Goşun şol ýagdaýda şäheri talamakçy bolanda, Togrul beg muňa garşy çykyp, şeýle diýýär: «Häzirki keramatly aýda ilaty goramagyň deregine talasak, öz-özümizi masgaraladygymyz we şan-şöhratymyzy ýitirdigimiz bolar».

* * *

XIII asyryň başlarynda kelte aýakly ýaby münen gyýyk gözli Çingiz han gojaman taryhyň içinden gylyjyny bulaýlap geçip, gülläp ösen ynsanyýet medeniýetiniň başyndan musallat inderdi. Onuň orta aziýaly halklary nähili gara güne duçar edendigine taryhyň sahypalary şaýatlyk edýär. Şol galagoply zamana hakynda taryhçy Hafiz-i-Abru jugrafiýa boýunça ýazgylarynda bir hesretli wakany gürrüň berýär. Özüniň eý görýän agtygy, Çagataýyň ogly Mutugen söweşleriň birinde gurban bolanda, Çingiz han dergazap bolup, Merwi ýumurmaga buýruk berýär. Gözel şäher ýakylyp-ýandyrylýar...

Şeýle gazaba çydamadyk bosgunlar Anadoludaky, Yrakdyr Siriýadaky seljuk emirliklerine sary kowçum-kowçum bolup süýşüp ugraýarlar. Şol bosgunlaryň içinde basybalyjylara garşy göreşip, 1231-nji ýylda wepat bolan türkmen serkerdesi Jelaletdin Meňliburnuň egindeşi Süleýman beg hem bolupdyr. Dört ýüz töweregi atlysy bilen Anadola tarap barýarka ýolda Ýewfrat derýasyndan geçilende, Süleýman begiň kysmaty ters gelip, derýa gark bolýar. Serkerdeleriniň ölümi zerarly aljyraňňylyga düşüp, umytsyzlyga uçran bosgunlaryň bir bölegi yza – Horasana dönýär. Begiň aýaly Haýyma ene bolsa, ogullary bilen Anadola tarap ýoluny dowam edýär. Ol ýerdäki seljuk soltany Alaetdin Keýkubatdan pena isleýär. Enäniň ogly Ärtogrulyň ganym Çingiziň leşgerleri bilen garpyşykda özüne eden ýagşylygyndan soň, ondan göwni biten soltan Sögüt etrabyny bulara berýär.

Şunlukda, batyrlygy we paýhaslylygy bilen soltana özüni aldyran Ärtogrula Üçbegi diýen hormatly at berilmeginden – XIII asyryň ahyrlaryndan başlanan hem-de Ärtogrul Gazynyň ogly Osmanyň hyzmaty bilen 1299-njy ýylda özbaşdak Osman begligi diýen at alan, gitdigiçe kuwwat toplan täze bir türkmen-seljuk döwleti – Osmanly döwleti taryh sahnasynda peýda bolýar. Bu döwlet özüniň beýik soltanlarynyň hyzmaty bilen 6 asyrdanam uzak wagtlap, jahanyň çar künjüne üznüksiz täsirini ýetirip durýar...

**Hemra HUDAÝGULYÝEW,**
*žurnalist.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Singapur awiasergisi jemlendi.** 3-8-nji fewral aralygynda Singapurda Aziýanyň iň iri




awiasergisi geçirilip, oňa 1000-den gowrak kompaniýa gatnaşdy. Çärede «Boeing» täze şertnamalary baglaşdy, Hytaýyň «C919» uçary tanyşdyryldy we dürli ýurtlaryň harby uçarmanlary görkezme uçuşlaryny amala aşyrdylar. Şeýle-de, Singapur 1-nji aprelde işe başlajak Milli kosmos agentliginiň döredilýändigini mälim etdi.

**Elektron galyndydan alnan altyn.** Hytaýly alymlar kaliý ergininiň kömegi bilen



elektron galyndylardan 20 minutda 98,2% altyn almagyň täze usulyny tapdylar. Bu tehnologiýa çykdajylary 93% tygşytlap, bir unsiýa altynyň bahasyny 72 dollara düşürýär. Otag temperaturasynda işleýän bu usulda zäherli madda bolman, hem ekologiýa, hem ykdysady taýdan uly bähbit berýär. Şeýlelikde, dünýädäki iň çalt ösýän galyndy meselesi girdejili çeşmä öwrülýär.

**Katarda geçirilen web sammit.** 1-4-nji fewral aralygynda Katarda geçen sammitde




69 startap 205 million dollar maýa çekdi. Serişdeleriň uly bölegi emeli aňa (125 million dollar) gönükdirilip, çärede bilim beriji täze robotlar tanyşdyryldy. Hünärmenler ýarymgeçirijileriň tehnologik öwrülişigiň özeni bolandygyny nygtadylar. Gatnaşyjylaryň umumy maýa gory 463 milliard dollara ýetip, tehnologiýalaryň durmuşyň hakyky guralydygy tassyklandy.

**Emeli aňa serişde goýberer.** Singapur geljek bäş ýyl üçin emeli aň barlaglaryna 786



million dollar serişde bölüp berdi. Bu maýa goýumy täze ylmy-barlag merkezlerini döretmäge, tehniki mümkinçilikleri artdyrmaga we hünärmenleri ýetişdirmäge sarp ediler. Maksat ABŞ we Hytaý bilen bäsleşip, sebitiň sanly ösüşini hem-de emeli aň ukyplaryny düýpli güýçlendirmekdir.

**40%-iniň öňüni alyp bolýar.** BSGG-niň 4-nji fewralda çap eden hasabatyna görä, dün-




ýädäki düwnük keselleriniň 40%-ine golaýynyň öňüni alyp bolýar. Çilim çekmek (15%), alkogol (3%) we semizlik ýaly faktorlar keseliň esasy sebäpleri hökmünde anyklandy. Hasabatda bu howplaryň erkeklere 45%, zenanlara 30% täsir edendigi bellenilýär. Hünärmenler 2040-njy ýyla çenli garaşylýan 50% artyşyň öňüni almaga çagyrdylar.

**Kosta-Rikada Prezident saýlawlary.** 1-nji fewralda Laura Fernandes Kosta-Rikanyň Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyryn-



da 50,8% ses bilen ynamly öňe saýlanyp, 40%-lik çägi geçmegi başardy. Iň ýakyn bäsdeşi Alwaro Ramosdan (31,6%) uly tapawut bilen öňe geçen Fernandes ikinji tapgyryň geçirilmeginiň öňüni aldy. 39 ýaşly täze lider häzirki Prezident Rodrigo Çawesiň ykdysady ugruny dowam etdirmekçi.

**Dubaýda gurluşykçy robot.** Dubaýda dünýäde ilkinji gezek dolulygyna robotlar we awtomatlaşdyrylan ulgamlar tarapyndan gurlan ýaşaýyş jaýy (willa) peýda bolar. 25-den gowrak tehnologiýa kompaniýasynyň gatnaşmagyndaky bu taslama diňe bir gurluşyk däl, eýsem, ähli ülňülere laýyk gelýän hakyky ýaşaýyş nusgasydyr. Innowasiýalar we barlaglar merkeziniň bu başlangyjy dünýädäki işçi güýjüniň ýetmezçiligini emeli aň arkaly çözmegi maksat edinýär.



## Dolandyryjy koalisiýanyň ynamly ýeňşi

Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sanae Takaitiniň ýolbaşçylygyndaky Liberal-demokratik partiýasy (LDP) 8-nji fewralda parlamentiň aşaky palatasyna geçirilen möhletinden öňki saýlawlarda uly ýeňiş gazandy. Ilkinji resmi netijelere görä, LDP 465 orunlyk parlamentde, azyndan, 243 orna eýe



bolup, häkimiýetini berkidýär. Koalisiýa boýunça hyzmatdaşy bolan Innowasiýa partiýasy bilen bilelikde dolandyryjy bileleşigiň jemi 310 orna ýetmegine garaşylýar. Bu bolsa hökümete konstitusion düzedişleri girizmäge hukuk berýän strategik köplügi üpjün edýär.

Saýlawlaryň netijeleri LDP üçin uly ösüş boldy, sebäbi mundan ozal partiýanyň aşaky palatada bary-ýogy 198 orny bardy. «Kyodo News» agentliginiň hasaplamalaryna görä, Sanae Takaitiniň salgytlary azaltmak we ilata berilýän subsidiýalary köpeltmek baradaky wadalary saýlawçylaryň goldawyny almaga kömek etdi. Şol bir wagtda, esasy güýç bolan Sentrist reformaçy bileleşigi öz mandatlarynyň ep-esli bölegini ýitirip, garaşylandan pes netije görkezdi.

Häzirki wagtda Tokio biržasynda «Nikkei» indeksi syýasy durnuklylygyň dikelmegi sebäpli ýokary galyp başlady. Premýer-ministr Takaiti saýlawlardan soň beren ilkinji beýanatynda häzirki Ministrler Kabinetiniň düzümini üýtgetmegi meýilleşdirmeýändigini we ykdysady reformalary gysga wagtda durmuşa geçirjekdigini mälim etdi. Syýasy synçylar bu ýeňşiň Ýaponiýanyň goranyş ukybyny güýçlendirmek baradaky täze kanun taslamalaryna ýol açjakdygyny belleýärler.

Häzirki wagtda Ýaponiýanyň ilat sany, takmynan, 123,5 million adama deňdir. Ýurt dünýäde ilatynyň çalt garramagy we dogluş derejesiniň pesligi bilen bagly demografik kynçylyklary başdan geçirýär. Ilatyň agramly bölegi (takmynan, 90%-den gowragy) şäherlerde ýaşaýar. Paýtagty we iň uly şäheri bolan Tokio dünýäniň iň uly aglomerasiýalarynyň biri hasaplanyp, onda 37 milliondan gowrak adam ýaşaýar.

## Portugaliýanyň täze Prezidenti

**Portugaliýanyň Sosialistik partiýasynyň öňki Baş sekretary Antoniu Žoze Seguru Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda ýeňiş gazandy. Sosialistik partiýanyň öňki Baş sekretaryna saýlawçylaryň, takmynan, 63%-i ses berdi. Onuň bäsdeşi, aşa sagçy «Besdir!» (Chega!) partiýasynyň lideri Andre Wenturany bolsa, takmynan, 36% saýlawçy goldady.**

**63 ýaşly Seguru köp ýyllyk tejribesi bolan syýasatçydyr, emma soňky ýyllarda mugallymçylyk işi bilen meşgullanypdy. Ol 1962-nji ýylda Ispaniýa serhedine golaý bolan Penamakor ilatly nokatda dünýä indi we halkara gatnaşyklary ugrundan bilim aldy. Ýaşlygyndan syýasy durmuşa işjeň gatnaşyp, elmydama Sosialistik partiýa bilen aragatnaşykda boldy. Seguru häzirki wagtda BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň müdirliginiň düzüminde işledi we Ýewropa Parlamentiniň deputaty hökmünde işlemek mümkinçiligine eýe boldy. Ol 2011-nji ýyldan 2014-nji ýyla çenli**



**Sosialistik partiýanyň Baş sekretary boldy. Seguru bu wezipeden partiýa içindäki saýlawlardan soň gitdi. Şol saýlawlarda şol wagtky Lissabon şäheriniň häkimi, soňra Portugaliýanyň Premýer-ministri, ondan soň bolsa Ýewropa Geňeşiniň başlygy bolan Antoniu Koşta ýeňiş gazanypdy.**

## INNOWASIÝA KARTASYNYŇ TÄZE LIDERLERI

Soňky ýigrimi ýylyň dowamynda dünýäde ylmy barlaglara we işläp düzmelere has uly üns berlip başlandy. 2024-nji ýyla çenli dünýä boýunça ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işlerine çykdajylar 3 trillion dollara golaýlady, 2000-nji ýylda bolsa, bu görkeziji 1 trillion dollardan geçmeýärdi.

Bu infografikada 2000-nji we 2024-nji ýyllar aralygynda ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleriniň jemi çykdajylarynyň ortaça ýyllyk ösüş depgini boýunça iň çalt ösýän ýurtlar görkezilýär. Maglumatlar Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasynyň (WIPO) görkezijilerine esaslanýar. Ähli gymmatlyklar alyjylyk ukybynyň pariteti boýunça düzedilen ABŞ dollarynda berilýär.

Hytaý reýtingde birinji ýerde durýar: onuň ylmy-barlaglara çykdajylary 2000-nji ýyldan



bäri ortaça ýyllyk 13,1% ösdi. Bu döwürde ýurduň ylma goýan jemi maýa goýumlary 40,8 milliard dollardan 2024-nji ýylda 786 milliard dollara çenli ýokarlandy, bu bolsa dünýä möçberiniň 27%-ine deňdir.

Ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleriniň çalt ösmegi Hytaýy dünýäniň esasy innowasiýa merkezleriniň birine öwürdi. 2000-nji ýyldan bäri dünýädäki ähli patent arzalarynyň 36%-den gowragy bu ýurduň paýyna düşýär, şeýle hem ol emeli aň ulgamynda patentleriň sany boýunça liderlik edýär.

Saud Arabystany ikinji ýeri eýeleýär: onuň ylmy barlaglara çykdajylary, ortaça, ýyllyk 13% artdy, bu bolsa girdejisi ýokary bolan ýurtlaryň arasynda iň ýokary görkezijidir. Müsür ondan soň gelýär – 2000–2024-nji ýyllar aralygynda onuň ylmy işlere çykdajylarynyň ösüşi ýylda 12% boldy.

Iň çalt ösýän maýadarlaryň hataryna birnäçe ösýän ykdysadyýetli ýurtlar – Indoneziýa, Tailand we Wýetnam hem girýär. Şol bir wagtyň özünde, olaryň jemi çykdajylary dünýä ölçegleri bilen deňeşdireniňde, entek birneme pesligine galýar.

Russiýa we ABŞ ylmy-barlag hem-de tejribe-konstruktorçylyk işleriniň absalýut möçberi boýunça dünýäde degişlilikde, on birinji we ikinji ýerleri eýeleýärler, emma bu döwürde olaryň ösüş depgini birneme pes boldy.

Raýat ylmyna goýulýan uzak möhletleýin we durnukly maýa goýumlary jemi faktor öndürijiliginiň ösmegine oňyn täsir edip, ykdysady netijelilige, senagat ösüşine we tehnologik liderlige ýol açýar. Mundan başga-da, ylma netijeli maýa goýýan döwletler ýokary tehnologiýaly pudaklary döretmekde we ökde hünärmenleri çekmekde artykmaçlyklara eýe bolýarlar – bu bolsa ählumumy bäsleşigiň diňe bir arzan işçi güýjüne däl, eýsem, innowasiýalara esaslanýan häzirki döwründe aýratyn ähmiýete eýedir.

## Konserwatiwler öňe saýlandy

8-nji fewralda Tailandyň häzirki Premýer-ministri Anutin Çanwirakun tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän «Bhumjaithai» (Tailandyň buýsanjy) konserwatiw partiýasy parlament saýlawlarynda ynamly ýeňiş gazandy. Şol bir wagtyň özünde geçirilen sala salşykda saýlawçylaryň köpüsi ýurduň Esasy Kanunyna üýtgetmeler girizilmegini goldady.

Maglumatlara görä, «Bhumjaithai» partiýasy parlamentiň aşaky palatasyndaky 500 orundan, takmynan, 200-sini eýeledi. Onuň esasy bäsdeşi bolan progressiw «Halk partiýasy» (People's Party) ýeňlişini boýun aldy we takmynan, 100 mandata eýe boldy. Üçünji orny bolsa 70 töweregi orun bilen liberal «Pheu Thai» (Tailand üçin) partiýasy eýeledi. Bu partiýanyň geljekki dolandyryjy koalisiýada «Bhumjaithai» bilen hyzmatdaşlyk etmegine garaşylýar.

Saýlawlar bilen bir wagtda geçirilen ählihalk ses berişliginde saýlawçylaryň, takmynan, 60%-i Konstitusiýany täzelemek ugrunda ses berdi. Bu goldaw ýurtda düýpli syýasy özgertmeleriň geçirilmegine ýol açýar. Premýer-ministr Anutin Çanwirakun netijeleri «halkyň durnukly ösüş we meseleleriň çözülmegi ugrundaky islegi» diýip atlandyrdy. «Halk partiýasy» Bangkok ýaly iri şäherlerde güýçli goldawa eýe bolsa-da, konserwatiwler oba ýerlerinde we milli bähbitlere esaslanýan syýasaty bilen öňe saýlandylar. Indi täze hökümeti gurmak üçin partiýalaryň ara-



synda gepleşikler başlanýar.

Günorta-Gündogar Aziýa yklymynda ýerleşýän bu ýurt günbatarda we demirgazyk-günbatarda Mýanma, demirgazyk-gündogarda Laos, gündogarda Kamboja we günortada Malaýziýa bilen serhetleşýär. Häzirki wagtda ýurduň 71,6 milliondan gowrak ilaty bar.

## EMELI AŇ BOÝUNÇA ILKINJI GLOBAL YLMY TOPAR

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş emeli aň boýunça täze garaşsyz halkara ylmy toparyň düzümine girjek 40 sany bilermeniň sanawyny hödürledi. Bu topar emeli aňyň ösüşiniň hakyky netijelerine gözegçilik etmek we olara baha bermek üçin döredilen dünýäde ilkinji doly garaşsyz global edara bolar.

BMG-niň Täzelikler gullugynyň habaryna görä, Guterriş toparyň işiniň çalt depginlerde ösýän tehnologiýalary düzgünleşdirmegiň köptaraply gurallaryny berkitmäge ýardam etjekdigini belledi. BMG-niň başlygy: «Emeli aň ýagtylygyň tizliginde ösýär. Hiç bir döwlet bolup geçýän wakalaryň doly suratyny ýeke özi görüp bilmeýär» diýip aýtdy we dünýäniň umumy çelgilere hem-de ylmy taýdan esaslandyrylan çemeleşmelere mätäçdigini nygtady.

Topara dalaşgärleri saýlap almak üçin açyk global bäsleşik yglan edildi. Oňa 2600-den gowrak arza gelip gowuşdy. Jemleýji sanawa maşyn öwreniş, kiberhowpsuzlyk, saglygy goraýyş, adam hukuklary, çagalaryň ösüşi we maglumatlary dolandyrmak ulgamlarynyň hünärmenleri girizildi. Toparyň ähli agzalary haýsydyr bir döwlet edaralaryna, hususy kompaniýalara ýa-da guramalara garaşsyz ýagdaýda, şahsy hünärmen hökmünde iş alyp bararlar.

Baş sekretaryň sözlerine görä, bu topar emeli aň barada ygtybarly we bitarap maglumatlara aýratyn zerurlyk ýüze çykan şertlerinde esasy ugrukdyryjy bolar. Ol täze düzümiň «faktlary galp maglumatlardan saplamaga» kömek etjekdigini nygtady.

– Topar işine gyssagly tertipde başlar – diýip, Baş sekretar aýtdy. Ilkinji hasabat geljekki kadalaryň we standartlaryň ara alnyp



maslahatlaşyljak esasy halkara forumy bolan iýul aýyndaky emeli aňy dolandyrmak boýunça global gepleşige çenli taýýar bolar. Guterrişiň belläp geçmegine görä, emeli aň eýýäm dünýäni özgerdýär we esasy mesele döwletleriň bu üýtgeşmeleriň ugruna bilelikde aýakdaş bolup biljekdiginden ybaratdyr.

– Mesele biziň bu özgerişi bilelikde kemala getirjekdigimizde ýa-da onuň bizi kemala getirmegine ýol berjekdigimizde – diýip, ol aýtdy.

Baş sekretar ösýän geosyýasy bäsdeşlik we tehnologik garşydaşlyk şertlerinde umumy platformany tapmagyň aýratyn möhümdigini duýdurdy. Onuň sözlerine görä, täze topar ylma, raýdaşlyga we halkara hyzmatdaşlyga esaslanan şeýle platforma öwrülip biler.



## Dünýäniň iň uly seýilgähi açyldy

Ýaňy-ýakynda Saud Arabystanynda açylan «Six Flags Qiddiya City» tematik seýilgähi giň çöl meýdanyny äpet syýahatçylyk giňişligine öwürdi. Ol dünýädäki iň uzyn, iň belent we iň çalt hereket edýän «amerikan daglary» (roller coaster) attraksiony bilen magtanyp biler.

«Six Flags Qiddiya City» arap sährasynyň uly bir bölegini dünýäniň iň iri dynç alyş we syýahatçylyk merkezlerinden birine öwürmegi maksat edinýän uly göwrümli «Qiddiya» taslamasynyň bir bölegine öwrüldi. Ol ýurduň paýtagty Er-Riyadyň golaýynda ýerleşýär we geljekde bu ýerde kiber-sport meýdançasynyň, stadionyň we akwaparkyň hem bolmagyna garaşylýar.

«Six Flags Qiddiya City» «Six Flags» ulgamynyň Demirgazyk Amerikanyň daşynda gurlan ilkinji tematik seýilgähi boldy. Onuň gurluşygy dört ýyla çekdi. Toplumyň meýdany 32 gektar töweregi bolup, onda restoranlar, söwda nokatlary we attraksionlar ýerleşýär.

Seýilgähde jemi 28 attraksion bar, olaryň üçüsi, eýýäm, dünýä rekordçysy hökmünde taryha girdi. Olaryň arasynda iň täsirlisi bir wagtda dünýäniň iň belent, iň çalt we iň uzyn attraksiony hasaplanýan «Falcon's Flight» (Laçynyň uçuşy) bolup durýar. Ol tizligini sagatda 250 kilometre çenli artdyryp bilýär. Eger şundan soň syýahatçylaryň ýüregi bulanmasa, olar dünýäniň iň belent «gyşyk» roller-kosteri diýlip ykrar edilen «Iron Rattler»-da özüni synap bilerler.

«Spitfire» attraksiony bolsa iň belent inwersiýa (otlynyň başaşak öwrülýän ýeri) boýunça rekordy öz ygtyýarynda saklaýar.

## GAZAGYSTANDA DÖWLET DILI BERKIDILÝÄR

**Gazagystanyň täze Konstitusiýasynyň taslamasynda gazak dili anyk we kesgitli görnüşde döwlet dili hökmünde berkidildi. «Kazinform» habarlar agentliginiň habar bermegine görä, bu barada Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Strategik barlaglar institutynyň direktory Žandos Şaýmardanow Konstitusion özgertmeler boýunça komissiýanyň mejlisinde mälim etdi.**

**Ol birnäçe raýatlaryň Esasy Kanunda döwlet diliniň derejesi baradaky meselä üns berendiklerini belledi.**

**– Emma täze Konstitusiýanyň taslamasynda gazak diliniň anyk we kesgitli görnüşde döwlet dili hökmünde berkidilendigini nygtamak örän möhümdir – diýip, Şaýmardanow aýtdy.**

**Ýatlap geçsek, 31-nji ýanwarda Konstitusion özgertmeler boýunça komissiýa Gazagystanyň täze Konstitusiýasynyň taslamasyny köpçülige hödürläpdi. Täze Esasy Kanunyň birinji taslamasy girişden (Preambula), 11 bölümden we 95 maddadan ybaratdyr. Üýtgetmeler we goşmaçalar Konstitusiýanyň tekstiniň 84%-ine täsir edýär.**

**Özgertmeleriň esasy ugurlaryna bir palataly parlamente – Gurultaýa geçil-**




**megi, wise-prezident wezipesiniň döredilmegi we Halk Geňeşiniň döredilmegi degişlidir. Gazagystan Respublikasy unitar döwlet bolmagynda galýar, dolandyryş formasy bolsa Prezident Respublikasy diýlip kesgitlenildi.**

## TARYHDA ŞU GÜN

**Doganlar Lýumýerler 1895-nji ýylyň 13-nji fewralynda ilkinji «kinematograf» enjamyny patentläp, dünýä kinosynyň düýbüni tutdular. Lui Lýumýeriň gijeki oýlanmalaryndan dörän bu enjam suratlary hereketli görkezmäge mümkinçilik berdi. Şol ýylyň 28-nji dekabrynda Parižde ilkinji tölegli film seansynyň geçirilmegi bilen häzirki zaman kino sungaty täjirçilik ýoluna düşdi.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# IŇ KÖP MODELI BOLAN AWTOULAG KOMPANIÝASY

Dünýäde 100-den gowrak awtoulag kompaniýasy bolup, şolaryň 14-15-si meşhur awtoulaglary bilen tapawutlanýar. Dünýä awtoulag bazarynda «Toyota», «Volkswagen», «Hyundai» we «General Motors» ýaly kompaniýalar öňdeligi eýeleýär. «Toyota» dünýäde iň köp modeli (ulag kysymy) bolan awtoulag kompaniýasy hasaplanýar. Ýapon awtokonserniniň «Land Cruiser» (1951), «Crown» (1955), «Corolla» (1966), «Century» (1967), «Mark» (1968), «Hilux» (1968), «Carina» (1970), «Camry» (1982), «Land Cruiser Prado» (1984), «Avalon» (1994), «RAV4» (1994), «Sienna» (1997), «Venza» (1997), «Prius» (1997), «Vitz» (1998), «Highlander» (2000), «Yaris» (2002), «Aurion» (2006), «Aqua» (2011), «Mirai» (2014), «Starlet» (2019), «Frontlander» (2021), «Allion» (2021) ýaly 50-den gowrak dürli modeli bar. «Lexus», «Daihatsu» we «Hino» ýaly brendleriň birleşigi bolan «Toyota» 1937-nji ýylda Aýti şäherinde Toýoda Kiitiro tarapyndan esaslandyrylýar. 1936-njy ýylda «Toyota»-nyň ilkinji görnüşi bolan «Model AA» işlenip düzülenden soň adyny döretmek barada bäsleşik geçirilýär. Gelip gowşan 27 müň teklibiň (sözüň) arasyndan Toýoda sözüniň üýtgedilen görnüşi bolan Toýota saýlanýar. Ýaponlarda gulaga ýakymly eşidilýän Toýota sözüni 8 gezek gaýtalanyňdan soň, baý bolýarsyň diýen ynanç hem bar. Ilkibaşda ýapon katakanasy (iýeroglif) bilen ýazylan kompaniýanyň ady 1950-nji ýylda halkara derejesinde tanalyp başlandan soň baş harplar bilen iňlisçe «TOYOTA» diýlip ýazylýar. Dünýäniň iň uly awtoulag öndürijisi bolan bu kompaniýanyň logosy 1990-njy ýylda işlenip düzülýär. Has uly ellipisde (ýumurtga şekilli tegelek) iki sany kesişýän ellipis ýerleşdirilen bu logonyň manysy öndüriji bilen müşderileriň arasyndaky berk baglanyşygy we ynamy görkezýär.



«Toyota» sedan, heçbek, SUV we ýolsuz ýerden ýöreýän dürli görnüşli ulaglary öndürýär. Awtoulag söýüjileriň iň halaýan brendi «Toyota»-nyň lýuks modeli bolan «Lexus» hasaplanýar.



1989-njy ýylda döredilen ýapon brendi ygtybarlylygy, rahatlygy, berkligi we ösen tehnologiýasy bilen beýleki ulaglardan tapawutlanýar. Dünýäde 90-dan gowrak ýurtda satylýan kaşaň awtoulagyň ilkinji modeli «LS 400» bolup, bu sedan köplerde uly gyzyklanma döredýär. «Lexus»-yň önümçiligi sedandan başlanan hem bolsa, häzirki wagtda kupe, krossower we ýolsuz ýerden ýöreýän görnüşleri hem bar.



Kömleriň söýgüsini gazanan ýapon brendiniň iň köp satyn alnan modeli «Corolla» hasaplanýar. «Kiçi täç» diýen manyny aňladýan «Corolla» modeli 1966-njy ýylda köpçülige hödürlenip başlanýar. Maglumatlara görä, şu güne çenli «Toyota»-nyň bu modelinden 50 milliondan gowragy satyn alnypdyr. Bu üstünlik kompaniýanyň «Corolla» modeline siňdiren irginsiz zähmetiniň netijesidir. Tygşytlylygy, amatlylygy we kaşaňlygy bilen kömleriň söýgüsini gazanan «Corolla» maşyn bazarynda iň meşhur awtoulaglaryň biridir.



«Toyota»-nyň 1997-nji ýylda köpçülige hödürlenen «Prius» modeli elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň taryhynda uly ösüş hasaplanýar. Şondan soňra elektroulaglaryň sany barha köpelip, awtoulag kompaniýalaryň ähli diýen ýaly elektrik energiýasy bilen hereket edýän we gibrid ulaglary öndürmäge ýöriteleşip başlaýarlar. Ýapon brendiniň iň seýrek modelleri «Toyota Century Convertible» bolup, ýapon imperatorlygy üçin 4 sanysy ön-



dürilipdir. «Toyota»-nyň köpçülikleýin öndürilen iň seýrek görnüşi «Toyota 2000GT»-den bolsa bary-ýogy 337 sanysy bar. ABŞ-da satylan kaşaň sport ulagy bahasynyň gymmatdygy bilen tapawutlanýar. Ýapon awtokonserniniň iň kiçi ulagy «Toyota Aygo X» (uzynlygy 3,7, ini 1,7, beýikligi 1,5 metr) bolup, iň ulusy «Toyota Sequoia» (uzynlygy 5,2, ini 2, beýikligi 1,9 metr) hasaplanýar. Dünýäde dürli görnüşli awtoulaglary öndürmekde «Volkswagen Group» ikinji orny eýeleýär.

# ÖÝDE ÝOLA GOÝMALY ENDIKLER

**Her bir ynsanyň özüne mahsus häsiýetiniň we tebigy aýratynlygynyň bardygyna garamazdan, uzak günki işden ýa-da ýadawlykdan soň, öýde käbir zatlary ýerine ýetirmegi ýola goýmaly. Bilermenler gereginden artyk ýatyp dynç almagyň deregine, öýde maşgala agzalaryň bilen meşgullanyp boljak dynç alyş endiklerini hödürleýärler. Bu endikler adamyň işjeňligini artdyryp, stresi we aladalary aradan aýyrýar. Şeýle hem adamyň özüni şadyýan we rahat duýmagyna kömek edýär.**

**Ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek.** Toprak bilen aragatnaşykda bolmak adamy rahatlandyryp, ukynyň hilini gowulandyrýar. Barmak myşsalaryny işjeňleşdirip, gyzyl gan öýjükleriniň öndürilişini ýokarlandyrýar. Ösümlikler ekilende ýa-da otag gülleridir agaçlara ideg işleri geçirilende pikirler bir ýere jemlenip, adam özüni rahat duýýar. Durmuşa bolan kanagatlanma, hoşallyk duýgulary döreýär. Ösümlikleri ýetişdirmek işi bilelikde ýerine ýetirilende maşgala agzalary biri-birine





has-da ýakynlaşyp, çagalarda tebigata we zähmete bolan söýgi döreýär.

**Kitap okamak.** Okamak kynlyk bilen kabul edilýän teklipleriň biri bolsa-da, çeper eserlerdir gazet-žurnallary okamagy endik etmeli. Eserlerde durmuşy hakykatlar janlandyrylyp, sowallaryň çözgüdini tapyp bolýar. Bilermenler ýatmazdan öň kitap okamagyň adamy has-da rahatlandyrýandygyny, ukynyň hilini gowulandyryp, täzeçe pikirleriň döremegine kömek edýändigini belleýärler.

**Aýdym diňlemek.** Pessaýja ses bilen aýdym we saz diňlemek adamy rahatlandyryp, ýadawlygy aýyrýar. Bilermenler aýdymy gulaklykda diňlemegi maslahat bermeýärler. Munuň deregine çaý başynda ýa-da oturgyçda oturyp, gözüňi ýummak arkaly owazlary eşitmek aladalary ýatdan çykaryp, pikirleriňi jemlemäge mümkinçilik berýär.

**Arassaçylyk işleri.** Howlyny we öýüň içini tertiplemek, wagtly-wagtynda arassaçylyk işlerini geçirmek adamy rahatlandyrýar. Öýüň tozanyny süpürmekden başga-da, käte artykmaç öý goşlaryny we geýim-gejimleri azaltmaly. Ulanyşdan galan zatlary zibilhana taşlamaly. Arassaçylyk endigi adamda kanagatlanma duýgusyny döredip, özüňi has ýeňil duýmaga kömek edýär.

**Özüňe serenjam bermek.** Uzak günki işden we ýadawlykdan soň özüňe serenjam bermäge wagt tapylman biler. Belki özüňe serenjam bermäge höwes hem bolmaz. Ýöne muňa garamazdan özüňe wagt aýyrmagy endik etmeli. Adam özüne ideg etmek arkaly durmuşa höwesli seredýär, özünden göwnühoş bolýar hem-de özüni arkaýyn duýýar.

# KAMAKURA – gyzykly gyş festiwaly

Ýaponiýanyň Akita welaýatynyň (prefektura) Ýokote şäherinde gyş pasly özboluşly, owadan görnüşde bellenilýär. Her ýylyň fewral aýynda şäheriň köçelerinde ýüzden gowrak gardan ýasalan kamakura atly gümmezli öýler peýda bolýar. Ýurduň demirgazyk şäheri gar gümmezleri bilen bezelip, täze ýyly şüweleňli we tüwüden taýýarlanan süýjülikler bilen garşy alýar.



Ýerli ýaşaýjylar her ýyl gyş paslynyň gelmegi bilen kamakura gar öýüni gurýarlar we gadymy däp-dessurlara eýerip, emeli yşyklar bilen öýleri bezeýärler. Şu ýyl 13-14-nji fewralda (her ýylyň fewral aýynyň ikinji anna we şenbe günleri) bellenilýän Kamakura festiwaly yşykly gijeleriň şalygyna öwrülýär. «Kamakura» sözi ýaponlaryň «kamoda» atly pejinden gelip çykyp, sözüň ikinji bölegindäki «kura» ammar diýmegi aňladýar. Kamakuralar kiçijik görnüşden başlap, 6 adama çenli niýetlenen ululykda gurulýar. Edo döwründen gözbaş alýan bu festiwalyň bellenmeginiň esasy maksady geljek ýylyň suwly we bol hasylly bolmagyny dileg etmekden ybarat. Şol sebäpli her maşgala öz guran 3 metr beýiklikdäki gar öýlerine ýygnanyp, şol gije suw hudaýyndan dileg edýärler. Geljek ýylda saglyk, abadançylyk bolmagyny, ekinleriň bol hasyl getirmegini dileýärler.

450 ýyllyk taryhy bolan Kamakura festiwalyny ýakyndan synlamak üçin müňlerçe syýahatçy Ýaponiýa barýar. Baýramçylyk gijesi myhmanlara moti tüwüsinden taýýarlanan desertler, tüwüden gaýnadylyp taýýarlanan «amazake» içimligi hödür edilýär. Kamakura gar öýleri Ýokote derýasynyň kenarynda, beýikde ýerleşýän Ýokote galasynyň eteginde gurulýar. Baýramçylyk gijesi şäher owadan görnüşe eýe bolýar. Festiwal wagtynda gala baryp, ýalpyldawuk şäheri ýokardan synlap bolýar. Mundan başga-da, Doro-Koen seýilgähine baryp, gar öýleriň taryhy we nädip ýasalýandygy barada gysgaça sapaklary hem alyp bolýar. Mundan başga-da, aýdym-saz dabaralaryna gatnaşyp, konkide we ata goşulan tirkeglerde gezelenç edip bolýar. Kamakura gar şäherjiginde howanyň temperaturasy -10 derejede saklanýar. Kamakura festiwaly birek-birek bilen dostlaşmaga, ýakynlaşmaga we wagtyňy şatlykly geçirmäge mümkinçilik berýän iň gowy gyşky festiwallaryň biridir.



# Kofe içýänler uzak ýaşaýarlar

Kofe bütin dünýäde meşhur bolan içimlikleriň biridir. Hoşboý ysly bu içimlik şowlulygyň we işjeňligiň nyşany bolmak bilen bir hatarda, saglygy berkitmäge hem-de uzak ýaşamaga hem ýardam edýär. Soňky ýyllarda geçirilen barlaglarda kofe içmegiň ömrüň dowamlylygyna täsir edýändigi anyklanyldy. Her gün 2-4 çaşka kofe içmek ýürek-damar ulgamynda döräp biljek keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Geçirilen barlaglarda yzygiderli kofe içýänleriň içmeýänlere seredeniňde, ýürek-damar töwekgelçiliginiň 10-15 göterim



pesdigi ýüze çykaryldy. Kofe ýürek saglygyny goramak bilen bir hatarda, süýji keseliniň döremek howpunyň öňüni almaga we ýaş bilen baglanyşykly DNK-ny goramaga ýardam edýär. Kofe beýni üçin iň peýdaly içgileriň biridir. Ýady gowulandyrýan, hüşgärligiňi artdyrýan we keýpiňi göterýän kofe bagyr keselleriniň döremeginiň hem öňüni alýar. Ajy tagamly bu içimlik düwnük keseliniň töwekgelçiligini azaldyp, bedeniň alyş-çalşygyny çaltlandyrýar we semremegiň öňüni alýar.

**KOFE BARADA**

Kofe aslynda miwe bolup, kiçijik alça meňzeýär. Ajymtyk tagamly bu miwe birbada ýetişmeýär. Ýaşyl däneleri haçan-da gyzgylt reňke öwrülende, kofe hasyly ýygnalyp başlanýar. Onuň bişenlerini agajynda saýlap ýygnamaly bolýar. Kofeniň ata Watany Efiopiýa hasaplanýar. Efiopiýada 200-den gowrak kofeniň dürli görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Ilkibaşda kofeniň dänesi çeýnelip, ajymtyk tagamy dadylan bolsa, XV asyrda guradylan kofe däneleri owradylyp, gyzgyn suwa



garylan görnüşde sarp edilip başlanýar. Kofe dänelerini üwäp, gyzgyn içimlige öwürmek usulyny demirgazyk afrikalylar oýlap tapýar. Şeýlelikde, owradylan kofeniň söwdasy başlanyp, Efiopiýadan Müsüre we Anadola, soňra Ýewropa ýurtlaryna ýaýraýar. Kofe araplaryň «kahwah» sözünden gelip çykyp, Gündogar ýurtlarynda «kofe», Ýewropa ýurtlarynda «koffie» görnüşinde atlandyrylyp başlanýar.

Häzirki wagtda her ýyl 10 million tonnadan gowrak kofe öndürilýär. Braziliýa, Wýetnam, Kolumbiýa, Indoneziýa, Efiopiýa, Peru we Hindistan kofe öndüriji esasy ýurtlar hasaplanýar. Kofe önümçiliginde «Starbucks», «Costa Coffee», «Nescafe», «Tim Hortons», «Dunkin Doughnuts» kompaniýalary öňdeligi eýeleýär. Skandinawlylar adam başyna iň köp kofe içýän halk hasaplanýar. Kofe içmekde ýurtlar boýunça ABŞ, Braziliýa we Germaniýa öňdeligi eýeleýär. Kofe nebitden soňra iň köp satylýan harytlaryň biri bolup, durmuşymyzda möhüm orny eýeleýär. Kofeni dogry saýlamak we taýýarlanyşyna ünsli çemeleşmek esasy şertleriň biridir. Bu içimlik öýde, işde, ýaryşlarda, gürrüňdeşliklerde täze pikirleriň döremegine, üstünliklere ýetmäge goldaw berýär.




# ULY BARÝER RIFI SUWASTY GÖZELLIK

**Awstraliýanyň syýahatçylyk pudagyndaky iň ajaýyp tebigy gözellikleriniň biri Uly Barýer rifidir. Bu ýer 3 müňden gowrak aýratyn rif ulgamyny, merjen gaýalaryny we 9 ýüzden gowrak tropik adany öz içine alýar. Awstraliýanyň demirgazyk-gündogar kenarlarynda, Ýuwaş ummanyndaky Witsandeý adalaryndan başlap Demirgazyk adalaryna çenli aralykda ýerleşýän Uly Barýer rifinde merjenleriň 400, balyklaryň 1 müň 500 we molýusklaryň 4 müň hem-de guşlaryň 240 görnüşi ýaşaýar. Şeýle hem käbir adada «deňiz sygry» atly dugonga hem-de Reýn adasynda ýitip gitmek howpy abanýan iri ýaşyl deňiz pyşdyly hem duş gelýär. Käbir adada wagtal-wagtal gyşlaýan kebelekleriň uly topary hem ýaşaýar.**



**Uly Barýer rifi tebigatdaky 7 täsinligiň biri bolup, kosmosdan görünýän Ýeriň iň uly ýaşaýyş bölegidir. Bu ýere gelýän myhmanlara dikuçarly gezelençler, ýelkenli we gaýykly başdangeçirmeler hödürlenýär. Syýahatyň dowamynda myhmanlar üçin ada we ondaky janly-jandarlar barada maglumat berýän ýarym suwasty gämili gezelençler hem guralýar. Uly Barýer rifindäki iň gyzykly dynç alyşlaryň biri hem kruiz gämisindäki gezelençler bolup, jahankeşdeler ada tebigatyny synlamak bilen bir hatarda, kitdir delfinleriň «tanslaryndan» hem lezzet alýarlar. Bu ýeriň diňe deňizdäki gözelligi däl, eýsem, kenarýaka tebigaty hem görenleri haýrana goýýar.**

**Uly Barýer rifiniň çüýşe ýaly dury suw gurşawy 30 metr çuňlukda bolup, ýalpak suw gatlagyny emele getirýär. Şol sebäpli adalarda gezelenç edilýän pursady suwuň düýbündäki gözellikleri arkaýyn synlap bolýar.**

**1770-nji ýylda iňlis deňiz syýahatçysy kapitan Jeýms Kukuň Ýuwaş ummanynda gämisiniň gark bolmagy bilen Uly Barýer rifi öwrenilip başlanýar. Häzirki wagtda rifiň Heron adasyndaky tejribe merkezinde ylmy gözlegler dowam etdirilýär.**

# Agyz beklemegiň saglyga peýdasy



**Agyz beklemek adaty iýmit meýilnamasyndan tapawutlylykda, belli bir wagt aralygynda iýip-içmekden saklanmakdyr. Agyz beklemek pikiriň täzelenmegi, akylyň durlanmagy ýaly ruhy taýdan peýdaly bolmak bilen bir hatarda, saglyk üçin hem örän ähmiýetlidir.**

- Geçirilen barlaglarda agyz beklemegiň bedeniň agramyny 9 göterime çenli ýeňledýändigi ýüze çykaryldy. Ýagny beden myşsalaryna agram salmazdan, bedendäki artykmaç ýagy ýitirip bolýar.
- Adamyň ösüş garmony (HGH) tebigy ýagdaýda bedende öndürilýär we gan aýlanyşygy esasynda dokumalara barýar. Agyz beklenende HGH-niň köp mukdarda bölünip çykmagy esasynda artykmaç ýag ýakylýar. Bu bolsa bedeniň myşsalarynyň güýçlenmegine we çeýeliginiň artmagyna kömek edýär.
- Agyz beklemek awtofagy (bedeniň öýjükleri gaýtadan işlemek ulgamy) herekete getirip, bedendäki köne öýjükleri döwmäge we gaýtadan işlemäge mümkinçilik berýär. Şeýle ýagdaýda adam bedeni öýjük galyndylaryndan doly arassalanýar.
- Agyz beklemek bedendäki uglewodyň we gandaky glýukozanyň derejesini durnukly ýagdaýda saklamaga hem-de wisseral ýag massasyny azaltmaga kömek edýär. Bilermenler süýjüli diabetden ejir çekýän adamlara agyz beklemegiň oňaýly täsir edýändigini belleýärler. Şeýle ýagdaýda bedeniň insuline garşy duýgurlygy artýar hem-de göreşijilik ukyby güýçlenýär.
- Agyz beklemek newrodegeneratiw bozulmalaryň öňüni alyp, nerw öýjükleriniň dikelmegine we döremegine ýardam edýär. Bu bolsa beýniniň işini gowulandyrýar.
- Geçirilen barlaglarda agyz bekleýän adamlaryň uzak ýaşaýandygy ýüze çykaryldy. Bu, esasan, agyz beklemegiň aşgazan-içege ulgamynyň işini ýeňilleşdirýändigi, ýürek-damar ulgamyny we gan basyşyny kadaly derejede saklaýandygy hem-de bedende artykmaç agramyň bolmazlygy bilen düşündirilýär.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.





# ÇAGALARA NIÝETLENEN UÇAR MUZEÝI

Dünýäniň dürli künjeginde we dürli ýerlerde çagalara niýetlenen gyzykly güýmenjeleriň birnäçesi bar. Şeýle güýmenjeleriň biri hem ABŞ-nyň Waşington ştatynyň Sietl şäherinde ýerleşýän Awiasiýa we kosmos muzeýidir. 1965-nji ýylda döredilen bu toplum dünýädäki iň uly howa we kosmos muzeýi hasaplanýar. K-12 bilim maksatnamasyna esaslanýan bu muzeý ýurtda çagalar bagyna gatnaýan körpejelerden başlap, mekdep okuwçylarynyň iň köp barýan ýerleriniň biridir.

Muzeýde 175-den gowrak dürli kysymly uçar we kosmos gämileri saklanýar. Eksponatlaryň arasynda «Boeing 747», «Concorde 214», «Caproni Ca.20», «Lockheed D-21», «Gossamer Albatross II», «Douglas DC-2», «Lamson L-106 Alcor» ýaly meşhur uçarlar bilen ýakyndan tanyşmak bolýar. Bulardan başga-da, muzeýde dürli görnüşli oýnawaç uçarlar hem bar. Çagalar bu ýerde oýun oýnamak, uçar sergilerini synlamak bilen bir hatarda, muzeýiň 3 gektar meýdany tutýan üçeginde gezelenç edip bilýärler. Muzeýde uçarlaryň aglaba bölegi ýokardan asylyp goýlupdyr. Bu muzeýiň täsirliligini has-da artdyrýar.

1985-nji ýylda Awiasiýa we kosmos muzeýiniň çäginde kitaphana esaslandyrylýar. Düzüminde 66 müň kitaby we 100-den gowrak döwürleýin neşirleri jemleýän bu kitaphana çagalaryň bilimini artdyrmagyna ýardam edýär. Kitaphanada, esasan, awiasiýa pudagyna degişli kitaplar bar. Şeýle hem muzeýiň çäginde uçaryň taryhyna degişli fotosuratlary we ülňüleri özünde jemleýän arhiw bölümi hem bar. Bu ýerde uçar ýasamak bilen bagly ilkinji çyzgylardan başlap, häzirki zaman uçarlaryna çenli köp sanly maglumatlar bilen tanşyp bolýar. Çagalar muzeýde täsin başdangeçirmeleriň şaýady bolmak bilen bir hatarda, ýöriteleşdirilen okuw merkezinde bilim alyp bilýärler.

*Täsin miwe*

# Badamjana meňzeş miwe

Tailandda ösdürilip ýetişdirilýän täsin miweleriň biri hem mangostindir. Daşky görnüşi togalak badamjana meňzeýän garamtyl-gülgün miwä «Miweleriň Şa zenany» diýilýär. Mangostiniň gabygy galyň bolup, iýilýän bölegi pagta hanasyna meňzeýär. 6 bölek etli bölegi bolan bu miwe ýumşak hem-de şireli bolýar. Ýertudana bilen ananasy ýadyňa salýan bu miwäniň tagamy köplerde uly gyzyklanma döredýär. Kömleriň iň halaýan miwesi bolan mangostiniň ululygy 4-8 santimetre ýetýär. Özboluşly süýji tagamy bilen tapawutlanýan bu miwe tomusda ýetişýändigine garamazdan, esasan, gyş paslynda iýilýär. Şol sebäpli miwe öndürijiler «miweleriň Şa zenanyny» uzak wagtlap sowadyjyda saklaýarlar. Bu miwe marketlerden satyn alnanda gabygynyň ýumşaklygyna we gatylygyna üns bermeli. Beýleki miwelerde bolşy ýaly, mangostiniň hem gowy bişeniniň gabygy ýumşak bolýar. Mangostiniň daşynda sary tegmilleri bar bolsa, onda miwäni almaly däl. Bu ýagdaý garynjalaryň miwäni iýendigini aňladýar. Satyn alnan miwäni sowadyjyda iki hepdeden köp saklamak bolmaýar. Mangostin 25 metre çenli beýiklige ýetýän, hemişe gök öwsüp oturan agaçda bitýär.





Bu agaç 9, käbir sebitde bolsa 20 ýyldan soň hasyl berip başlaýar.

Badamjana meňzeş miwäniň gabygyny arassalamaga üns bermeli. Sebäbi mangostin ýalňyş kesilende gabygyndan goňur suw akyp, iýilýän bölegi garamtyl reňke öwrülýär. Miwäni kesmegiň iň ygtybarly usuly ýarymyndan keseligine dilip, soňra bolsa aýna gabyň gapagyny towlaýan ýaly, tersine aýlamakdyr. Şeýlelikde, miwäniň gabygynyň ýarysy aýrylar we iýilýän akja bölegi peýda bolar. Mangostiniň sarymsaga meňzeş etli böleginiň çigidini aýryp iýmeli. Köp ýurtda badamjana meňzeş bu miwäniň gabygyndan boýag alynýar. Her ýyl dünýäde 300 müň tonna mangostin öndürilýär. Bu ugurda Tailand, Wýetnam we Malaýziýa öňdeligi eýeleýär. Bu miwäniň esasy bölegi Hytaýa eksport edilýär.



# Näme üçin uçarlar ak reňkde bolýar?

**Ýolagçy uçarlary ulag serişdeleriniň iň ygtybarlysy hasaplanýar. Dünýäde ýolagçy uçarlaryny öndürýän 15 töweregi kompaniýa bolup, iň köp ulanylýan uçarlary «Airbus» we «Boeing» kompaniýalary öndürýär. Bu kompaniýalaryň uçarlary ygtybarlylygy, amatlylygy we howa gurşawyna çydamlylygy bilen tapawutlanýar. Howada uçup barýan ýa-da howa menzillerinde uçmaga taýýar bolup duran ýolagçy uçarlaryna syn edeniňizde, olaryň ählisiniň ak reňkdedigini gören bolsaňyz gerek. Eýsem, näme üçin howa ulaglary ak reňkde bolýar?!**

Uçarlary dürli-dürli kompaniýalaryň öndürýändigine garamazdan, ählisinde şol bir bezeg we inženerçilik çözgütler gabat gelýär. Muňa awiasiýa pudagynda «liwreýa» diýilýär. «Liwreýa» ülňüsine görä, uçarlaryň diňe guýrugy ýa-da logosy üýtgäýmese, galan ähli bölegi biri-birine meňzeş bolýar. Howa ulaglarynyň daşky böleginde ulanylýan toplumlaýyn nusga görä, uçarlar ak reňkde bolmaly. Bu ýönekeý çözgüt ýaly görünse-de, Gün şöhlesiniň täsirinden başlap, atmosfera basyşyna çenli köp zada täsir edýär.

Uçarlar gündizine asmana göterilende Gün şöhlesiniň täsirinde 9-12 müň metr belentlikde 1 sagatdan 7-8 sagada çenli howada hereket etmeli bolýar. Şol sebäpli Günden gelýän ultramelewşe şöhläni yzyna



gaýtarmak hem-de uçaryň içindäki temperaturany kadaly saklamak maksady bilen ýolagçy uçarlary ak reňkde öndürilýär. Eger uçar gara ýa-da beýleki reňkde bolanda radiasiýa sezewar bolar hem-de uçaryň içi aşa gyzgyn bolar. Şeýlelikde, uçaryň hereketlendiriji bölegine we sowadyş ulgamyna zeper ýeter.

Uçaryň ak reňkde bolmagy howa göterilende has ýeňil hereket etmegine mümkinçilik berýär. Bu bolsa ýangyjy ep-esli tygşytlamaga ýardam edýär.

Ak reňk çykdajysy iň az bolan reňkleriň biridir. Güne, ýele we ýagşa, umuman, yssy we sowuk howa çydamly bolan bu reňk uzak wagtlap solmaýar. Uçary gaýtadan reňklemek ummasyz çykdajy we uzak wagt talap edýär. Bu bolsa artykmaç çykdajy bilen bir hatarda, ýolagçy gatnawynda uçar ýetmezçiligine getirip bilýär. Şol sebäpli uçar inženerleri iň amatly we uzak wagtlyk reňk hökmünde ak reňki saýlaýarlar.



Ak reňkiň üstünde islendik alamatlar: ýaryk, ýag syzmasy, poslama, tegmil mese-mälim duýulýar. Bu bolsa uçary gözden geçirýän we bejerýän tehniki işgärleriň işini has-da ýeňilleşdirýär.

Hünärmenleriň bellemegine görä, guşlar asmanda ak uçary has aýdyň tapawutlandyryp bilýärler. Bu bolsa guşlaryň uçara gelip urmagynyň we howa ulagynyň howp astynda galmagynyň öňüni alýar.

Halkara raýat awiasiýa guramasynyň (ICAO) standartlaryna we düzgünlerine görä, bir uçary başga awiakompaniýanyň satyn alýandygyna garamazdan, uçary başga reňke öwrüp bilmeýär. Uçaryň täze eýesi howa ulagynyň diňe guýrugyny reňkläp ýa-da öňki logosyny üýtgedip, öz nyşanyny goýup bilýär. Uçaryň göwresi zawoddan çykyşy ýaly, ýene-de ak reňkinde saklanýar.

## Şekili reňkläň!



## 10 tapawudy tapyň!









## 10-njy KROSSWORD

**KESELIGINE:** **1.** Ýyldyzlaryň biri. **4.** Kysmat, ýazgyt. **7.** Per. **9.** Çeh awtoulag kompaniýasy. **10.** Bäbegi uklatmak üçin pessaý ses bilen aýdylýan aýdym. **12.** Gowaçanyň heniz açylmadyk hoz şekilli düwünçegi. **13.** Suwuklyk ölçeg birligi. **15.** Almanyň bir görnüşi. **17.** Ekzotik Bali dynç alyş ýarym adasy. **19.** Gadymy grek filosofy. **21.** Üflenip çalynýan saz guraly. **25.** Miweli agaçlarda emele gelýän ýelmeşegen şepbik suwuklyk. **26.** Öz-özünden hereket edýän. **27.** «Sag ... ýaman, syrkaw – gezse» (nakyl). **28.** Doly suratda we ýokary derejede kanagatlanma duýgusy. **29.** Ýüz görülýän enjam. **31.** Hiç heňe gelmeýän, ilden çykgynç. **33.** Saz guraly. **35.** Dünýäniň iň haýal jandary. **37.** Öwgi, taryp. **40.** At esbaby. **42.** Balyk işbilinden taýýarlanýan önüm. **44.** Teletinden tikilýän, burnunyň üsti seçekli, ökjesiz aýakgap. **46.** Gyz ady. **48.** «Ýakma bişersiň, ... düşersiň» (nakyl). **49.** Maşk hereketleriniň bir görnüşi. **50.** Aziýada bir döwlet.

**DIKLIGINE:** **2.** Sungat eseri. **3.** Tämiz, arassa. **5.** Fizikanyň bir ugry. **6.** Eralaryň biri. **7.** Himiki element. **8.** Antiwirus programmasy. **9.** Ir-ertir, säher. **11.** Düwme, sadap. **12.** Gün şöhlesiniň düşýän ýeri. **14.** Köne sungat eserleriniň atlandyrylyşy. **15.** Gawun önümi. **16.** Bir zadyň düýbi. **18.** Türkmen sährasy. **20.** Geçmiş hakynda halk arasynda ýaýran, nesilden-nesle, dilden-dile geçen gürrüň. **22.** Gyz ady. **23.** Senegalda gyzyl köl. **24.** Ygtyýar, rugsat. **28.** Suwuk zatlary guýmak üçin ulanylýan gap. **30.** Gadymy ulag. **31.** ...-gussa. **32.** Tut agajynyň miwesi. **34.** Bakja ekini. **36.** Gapy, girelge. **38.** Gaty gitmeýän, ýuwaş. **39.** Tropik miwe. **41.** Zeper ýeten beden. **43.** Hindi taňrysy. **45.** Uka gitmedik. **47.** Ynha, şu.











# Çärýek finalçylar jogap duşuşygynda belli bolar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Paýtagtymyz Aşgabatdaky Olimpiýa stadionynda oýnalan ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary bilen Saud Arabystanynyň «Al-Nassr» toparynyň arasyndaky duşuşyk örän çekeleşikli geçdi. Duşuşyk 1-0 hasabynda myhmanlaryň peýdasyna tamamlandy. Oýundaky ýeke-täk goly 19-njy minutda Abdullah Abdulrahman Al-Hamdan derwezä girizdi. Umuman, duşuşygyň 1-nji ýarymynda myhmanlar ýokary depginde oýun görkezdi. 2-nji ýarymda bolsa türkmen futbolçylary oýna erk eden tarap boldy. Ildeşlerimiz 2-nji ýarymda howply pursatlar döretselerem, olara hasaby deňlemek başartmady. Şunlukda, 1-nji oýunda 1-0 hasabynda asgyn gelen ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary bu duşuşykdan laýyk 1 hepde soň, has takygy, 18-nji fewralda Er-Riýadda «Al-Nassr» topary bilen jogap duşuşygyny geçirer.

Şeýle-de, Günbatar sebitiň beýleki oýunlarynda Iordaniýanyň «Al-Hussein» topary Dubaýda geçirilen duşuşykda Eýranyň «Esteglal» toparyny Abu Jalbuşyň 78-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda ýeňdi. Yragyň «Al-Zarwaa» topary Bagdatda BAE-niň «Al-Wasl» toparyny 3-2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi (Jamus 45+7, Riaskos 68, 76 – Borha 5, 65). Dohada Eýranyň «Sepahan» topary bilen Kataryň «Al Ahli» toparynyň arasyndaky duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady (2-2). Çekeleşikli geçen oýunda myhmançylykdaky «Al Ahli» topary 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldy (R. Alweş 20, Rezawand 45+7 – Wlap 28, Eksposito 90+3).



Gündogar sebitde Tailandyň «Ratçaburi» topary öz meýdançasynda Indoneziýanyň «Persib» toparyny 3-0 hasabynda ýeňip, çärýek finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi. Edil şonuň ýaly Wýetnamyň «Kongan Hanoý» topary öz meýdançasynda Singapuryň «Tampines Rowers» toparyny 4-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

# 7-nji DUŞUŞYKLAR GEÇIRILDI

AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda 7-nji duşuşyklar geçirildi. Günbatar sebitiň oýunlarynda Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad» topary öz meýdançasynda Kataryň «Al-Garafa» toparyny 7–0 hasabynda utdy. Duşuşykda täze transfer En-Nesiri (3), Auar (20, 58, 79), R. Fernandes (49, 62) hem-de Pereira (51) tapawutlandy.

Saud Arabystanynyň beýleki toparlary «Al-Ahli» bilen «Al-Hilal» toparlary, degişlilikde BAE-niň «Al-Wahda» hem-de «Şabab Al-Ahli» toparlary bilen golsuz deňme-deň oýnady. Kataryň «Al-Sadd» topary Dohada Eýranyň «Traktor» toparyny Muýisa hem-de Firminonyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňmegi başardy. Kataryň «Al-Duhail» topary bilen BAE-niň «Şarjah», Özbegistanyň «Nasaf» bilen Yragyň «Al-Şorta» toparlary-da 1–1 hasabynda deňme-deň oýnadylar.

7-nji oýunlardan soň Günbatar sebitinden 1/8 finala çykan toparlaryň sany 5-e ýetdi. Ýeňlişsiz «Al-Hilal», «Al-Ahli», «Traktor», «Al-Wahda», «Al-Ittihad» toparlary 1/8 finala çykmagy başardy.

Gündogar sebitde bolsa sanawyň lideri «Wissel Kobe» (Ýaponiýa) öz meýdançasynda «FK Seul» toparyny Muto (69) we Sakainiň (73) gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. Başga bir ýapon kluby «Maçida Zelwa» myhmançylykda Hytaýyň «Şanhaý Şenhua» toparyny Somanyň gollary (3 p, 88) esasynda şol hasap bilen utdy. Ýaponlaryň «Sanfrekka Hiroşima» topary öz meýdançasynda Malaýziýanyň «Johor Darul Ta'zim» toparyny 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ýapon klubunyň gollarynyň 2-sini hem Akito Suzuki (18 p, 47) geçirdi.



«Melburn Siti» (Awstraliýa) myhmançylykda «Ulsan HD» (Koreýa Respublikasy) toparyny 2–1, «Buriram Ýunaýted» (Tailand) hem myhmançylykda «Çendžu Ronçen» (Hytaý) toparyny 1–0 hasabynda ýeňdi.

7-nji duşuşyklardan soň ýaponlaryň 3 kluby – «Wissel Kobe», «Maçida Zelwia», «Sanfrekke Hiroşima» toparlary 1-2-3-nji orunlary eýeläp gelýär we olaryň üçüsi hem 1/8 finala çykdy. Awstraliýanyň «Melburn Siti» topary-da şol ýapon klublarynyň hataryna goşulyp, adyny 1/8 finala ýazdyrdy. Galan 4 ýer ugrunda 6 toparyň arasynda göreş dowam edip, olar 8-nji duşuşyklardan soň belli bolar.

# Ýewropada Ispaniýanyň, Aziýada Eýranyň ýygyndysy çempionlyk gazandy




Futzal boýunça Litwadyr Latwiýada hem-de Sloweniýada geçirilen 13-nji Ýewropa çempionaty tamamlandy. Finalda soňky 2 ýaryşyň ýeňijisi Portugaliýa bilen Ispaniýanyň milli toparlary duşuşdy. Sloweniýanyň paýtagty Lýublýanadaky «Arena Stožice»-de oýnalan final 5:3 hasabynda Ispaniýanyň ýeňşi bilen tamamlandy. Duşuşykda Antonio Peres het-trik edip (1:18, 19:20 p, 35:20), toparynyň çempionlygyna uly goşant goşdy. Ispanlaryň beýleki gollaryny Raýa (2:29) bilen Adolfo (39:55) geçirdi. Alfonso (4:43), Gois (6:35) hem-de Pauletanyň (29:19) gollary Portugaliýanyň bassyr 3-nji çempionlygy üçin ýeterlik bolmady. Şunlukda, Ispaniýanyň futzal ýygyndysy 10 ýyldan soň 8-nji çempionlygyny baýram etdi.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda Fransiýa bilen Horwatiýanyň ýygyndylary duşuşyp, oýnuň esasy wagty 5-5 hasabynda deňlikde tamamlandy. Oýundan soňky penalti urgularynda Horwatiýa 6:5 hasabynda üstün çykyp, ilkinji gezek bürünç medala mynasyp boldy.

Antonio Peres çempionatyň iň ökde oýunçysy saýlanyp, ol fransiýaly Muhudin bilen ýaryşyň iň köp gol geçiren 2 futbolçysy bolmagy başardy.

Ilkinji gezek 1996-njy ýylda geçirilip başlanan UEFA-nyň bu ýaryşy 2018-nji ýyldan bäri her 4 ýyldan bir gezek guralýar. Ispaniýanyň ýygyndysy 8 gezek ýeňiji bolup (1996, 2001–05–07, 2010–12–16, 2026), olar bu uguarda ep-esli öňde barýarlar. Ispaniýa 2 gezegem finalda ýeňildi. Italiýadyr (2003, 2014) Portugaliýanyň (2018, 2022) 2, şol sanda Russiýanyň (1999) 1 çempionlygy bar. Italiýa 1, Portugaliýa 2, Russiýa 6 gezek finalda utuldy.




Futzal boýunça Indoneziýada geçilen 18-nji Aziýa Kubogy ýaryşynda Eýranyň ýygyndysy çempionlyk gazandy. Olar finalda ýer eýeleri Indoneziýanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen finalyň esasy wagty 4:4 hasabynda deňlikde tamamlandy. Goşmaça wagtda-da toparlaryň hersi ýene bir gol geçirdi (5:5; Gunawan 6:28, Israr 7:37, 8:31, 48:05, Samuel Eko 23:20 — Taýebi 2:53, Karimi 17:59, 36:53, Ahmadabbasi 22:57, 48:42). Oýundan soňky penalti urgularynda Eýranyň ýygyndysy 5:4 hasabynda üstün çykyp, bassyr 2-nji, umumylykda 14-nji gezek Aziýanyň çempiony bolmagy başardy.

Indoneziýanyň ýygyndysy bolsa ilkinji gezekki finalynda öz janköýerleriniň şaýatlygynda çempionlyga golaýlasalaram, olara çempion bolmak miýesser etmedi. Ýarym finalda Eýranyň ýygyndysy Yragyň milli toparyny 4:2, Indoneziýa bolsa goşmaça wagtda Ýaponiýanyň ýygyndysyny 5:3 hasabynda ýeňipdi.

Eýranyň futzalçysy Said Ahmadabbasi çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Tailandly Muhammad Osamanmusa 6 gol bilen ýaryşyň iň netijeli futbolçysy boldy.

Futzal boýunça Aziýanyň Kubogy 1999-njy ýyldan bäri geçirilip gelinýär. 2008-nji ýyla çenli her ýyl guralan ýaryş şondan bäri her 2 ýyldan bir gezek geçirilýär. Şu wagta çenli geçirilen 18 ýaryşyň 14-sinde Eýranyň (1999, 2000–01–02–04–0–07–08, 2010–16–18, 2024–26), galan 4-sinde bolsa Ýaponiýanyň ýygyndysy (2006, 2012–14, 2022) çempionlyk gazandy.




**13-nji fewral (anna)**

- Al-Şabab – Al-Ahli (18:55)
- Al-Hilal – Al-Ittifak (20:25)
- Galatasaraý – Eýüpspor (22:00)
- Renn – PSŽ (23:00)
- Borussiýa D – Maýns (00:30)
- Pisa – Milan (00:45)

**14-nji fewral (şenbe)**

- Werder – Bawariýa (19:30)
- Baýer – Sankt-Pauli (19:30)
- **Marsel – Strasbur (21:00)**
- **Lasio – Atalanta (22:00)**
- **Trabzonspor – Fenerbahçe (22:00)**
- Al-Fateh – Al-Nassr (22:30)
- **Aston Willa – Nýukasl (22:45)**
- **Inter – Ýuwentus (00:45)**
- **Real Madrid – R. Sosiedad (01:00)**
- **Liwerpul – Braýton (01:00)**
- **Pariž – Lans (01:05)**

**15-nji fewral (ýekşenbe)**

- R. Wallekano – Atletiko (20:15)
- Leipsig – Wolfsburg (21:30)
- Arsenal – Wigan (21:30)
- **Reýnjers – Harts (21:30)**
- **Napoli – Roma (00:45**

**16-njy fewral (duşenbe)**

- **Žirona – Barselona (01:00)**

# KOUL PALMERIŇ TARYHY REKORDY

Angliýanyň çempionatynda soňky 7 günüň dowamynda 25-26-njy tapgyrlaryň duşuşyklary geçirildi. 25-nji tapgyryň merkezi oýnunda «Mançester Siti» myhmançylykda «Liwerpuldan» 2–1 hasabynda üstün çykdy. Soboslainiň ajaýyp goly bilen öňe geçen ýer eýeleri bu üstünligini saklap bilmedi. 84-nji minutda Bernardo Silwa hasaby deňlese, 90+3-nji minutda Erling Holann 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, toparyna ýeňiş getirdi. Ençeme duşuşykdan soň «Liwerpuly» myhmançylykda ýeňen «Mançester Sitiniň» çempionlyk ugrundaky göreşi dowam edýär.



«Çelsi» myhmançylykda «Wulwerhemptony» Koul Palmeriň het-trigi (13 p, 35 p, 38) bilen 3–1 hasabynda ýeňdi. Palmer APL-de 1-nji ýarymda 3 het-trik eden ilkinji futbolçy boldy. Ol «Çelsiniň» taryhynda iň köp het-trik eden futbolçy hökmünde hasaba alyndy (4). «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda 29-njy minutda esasy goragçysy (Romero) gyzyl kart alan «Tottenhamy» 2–0 (Mbeumo 38, Bruno Fernandeş 81), sanawyň lideri «Arsenal» bolsa Londonda «Sanderlandy» 3–0 (Zubimendi 42, Gýokereş 66, 90+4) hasabynda ýeňdi.

### Jeýms Milner APL-de iň köp oýnan 2 futbolçynyň biri

26-njy tapgyrda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Fulhamdan» Semenýonyň, O'Raýliniň hem-de Holannyň gollary bilen 3–0 hasabynda üstün çykdy. «Liwerpul» myhmançylykda «Sanderlandy» toparyň kapitany Wirjil Wan Daýkyň 61-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňmegi başardy. «Sanderland» şu möwsümde öz meýdançasynda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Braýtony» Hinşelwudyň 87-nji minutdaky awtogoly bilen ýeňen «Aston Willa» 2 oýundan soň ýeňiş gazandy. Duşuşykda «Braýtonyň» weteran oýunçysy Jeýms Milner «Premier Ligadaky» 653-nji duşuşygyny geçirip, Garet Berriniň rekordyna şärik boldy. Myhmançylykda «West Ham» bilen duşuşan «Mançester Ýunaýted» ýer eýelerinden çehiýaly Souçegiň 50-nji minutda geçiren goluna 90+6-njy minutda sloweniýaly hüjümçisi Şeşkonyň goly bilen jogap berdi. Şunlukda, «Mançester Ýunaýted» 4 ýeňişden soň deňme-deň oýnady. «Premier Ligada» 27-nji tapgyryň oýunlary 21–22-nji fewralda geçiriler.




### «Tottenham» topary tälimçisini ugratdy

Mundan öňki tapgyrda öz meýdançasynda «Brentfordan» asgyn gelen (2–3) «Nýukasl» topary «Tottenhamy» Londonda Tiaw hem-de Remziniň gollary esasynda 2–1 hasabynda utdy. Bu ýeňlişden soň «Tottenham» toparynyň tälimçisi Tomas Frank wezipesinden boşadyldy. 52 ýaşyndaky daniýaly hünärmen geçen ýylyň iýunynda bu wezipä bellenipdi. Londonlylar onuň tälimçiliginde 38 oýun geçirip, şolarda 13 ýeňiş gazandy. 14 duşuşykda utulyp, 11 oýunda-da deňme-deň oýnady. «Tottenham» topary Çempionlar Ligasynda şowly çykyş etse-de, «Premier Ligada» 8 oýundan bäri ýeňiş gazanyp bilmän gelýärdi we topar 16-njy orunda barýar. Tomas Frank «Tottenhamdan» öň Londonyň başga bir topary «Brentfordy» türgenleşdirip, bu klubda şowly netijeler gazanypdy. Ol bu klubdan ozal Daniýanyň «Brondbýu» toparynyň tälimçisi bolupdy.





# 84 duşuşykda 86 gol

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Bawariýa» 2 oýundaky utuk ýitgisinden soň, öz meýdançasynda 3-nji orunda barýan «Hoffenhaýmyň» derwezesinden 5 gol geçirdi (5–1). Münhenlileriň doly artykmaçlygynda geçen oýunda 20-nji minutda Keýn 11 metrlik jerime urgusyndan hasaby açdy. 17-nji minutda 1 oýunçysy gyzyl kart alan «Hoffenhaým» 35-nji minutda Kramariçiň goly bilen hasaby deňledi. Ýöne emin ýene-de münhenlileriň peýdasyna jerime meýdançasynyň içindäki ak nokady görkezdi. Keýn muny hem dürs urup, toparyny 2-nji gezek öňe saýlady. 45+2-nji minutda Luis Diaz aratapawudy artdyrdy. Ýyldyz oýunçy 2-nji ýarymda-da 2 gol geçirip, Hames Rodrigesden soň «Bundesligada» het-trik eden 2-nji kolumbiýaly futbolçy boldy. Şeýle-de, Keýniň «Bundesligadaky» gollarynyň sany 84 oýunda 86-a ýetdi. 2-nji ýerdäki «Borussiýa Dortmund» myhmançylykda «Wolfsburgy» Brandt hem-de Girassiniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. «Köln» bilen bolan duşuşykda dubl eden Baumgartner topary «Leipsige» myhmançylykda ýeňiş getirdi (2–1).

### PREMIER LEAGUE (26) — 22 gol

**Tottenham—Nýukasl: 1–2** (Greý 64 — Tiaw 45+5, Remzi 68), **Çelsi—Lids: 2–2** (Žoao Pedro 24, Palmer 58 p — Nmeça 67 p, Okafor 73), **Ewerton—Bornmut: 1–2** (Ndiaý 42 p — Raýan 61, Adli 64), **West Ham—M. Ýunaýted: 1–1** (Souçek 50 — Şeşko 90+6), **Aston Willa—Braýton: 1–0** (Hinşelwud 87 ö.d.), **K. Palas—Börnli: 2–3** (Strann-Larsen 17, 33 — Mežbri 40, Entoni 44, Lerma 45+2), **Man. Siti—Fulham: 3–0** (Semenýo 24, O'Raýli 30, Holann 39), **N. Forest—Wulwerhempton: 0–0, Sanderland—Liwerpul: 0–1** (Wan Deýk 61), **Brentford —Arsenal**

### LA LIGA (24) — 28 gol

**Selta—Osasuna: 1–2** (Iglesias 53 p — Budimir 35, Raul de Aro 79), **Barselona—Malýorka: 3–0** (Lewandowski 29, Ýamal 61, Bernal 83), **R. Sosiedad—Elçe: 3–1** (Suçiç 24, Oýarzabal 37, Oskarsson 89 — Andre Silwa 42), **Alawes—Hetafe: 0–2** (Waskes 53, Iglesias 71 p), **Atletik—Lewante: 4–2** (Guruseta 29, 34, Serrano 86, Nawarro 90+9 — Elgesabal 81, Olasagasti 90+4), **Sewilýa—Žirona: 1–1** (Salas 90+2 — Lemar 2), **Atletiko—Betis: 0–1** (Antoni 28), **Walensiýa—Real Madrid: 0–2** (Karreras 65, Mbappe 90+1), **Wilýarreal—Espanýol: 4–1** (Mikautadze 35, Salinas 41 ö.d., Pepe 50, Moleýro 55 — Kabrera 88), **R. Wallekano—Owiedo** (soňa goýuldy)

### SERIE A (24) — 27 gol

**Werona—Pisa: 0–0, Jenoa—Napoli: 2–3** (Malinowski 3 p, Kolombo 57 — Hýoýlunn 20, 90+5 p, MakTomineý 22), **Fiorentina—Torino: 2–2** (Solomon 51, Ken 57 — Kasadei 26, Maripan 90+4), **Bolonýa—Parma: 0–1** (Ordonies 90+5), **Leççe—Udineze: 2–1** (Gandelman 5, Banda 90 — Sole 26 p), **Sassuolo—Inter: 0–5** (Bissek 11, Turam 28, Martines 50, Akanji 54, Luis Enrike 89), **Ýuwentus—Lasio: 2–2** (MakKenni 59, Kalulu 90+6 — Pedro 45+2, Isaksen 47), **Atalanta—Kremoneze: 2–1** (Krstowiç 13, Zappakosta 25 — Torsbýu 90+4), **Roma—Kaliari: 2–0** (Malen 25, 65), **Milan—Komo** (soňa goýuldy)

### BUNDESLIGA (21) — 24 gol

**Union Berlin—Aýntraht: 1–1** (Kwerfeld 87 p — Braun 84), **Haýdenhaým—Hamburg: 0–2** (Kenigsderffer 45+3, Filipp 78), **Fraýburg—Werder: 1–0** (Beste 13), **Sankt-Pauli—Ştutgart: 2–1** (Saliakas 35, Sinani 55 p — Leweling 90), **Maýns—Augsburg: 2–0** (Amiri 8 p, 79 p), **Wolfsburg—Borussiýa D: 1–2** (Kulierakis 52 — Brandt 38, Girassi 87), **Borussiýa M—Baýer: 1–1** (Engelhardt 10 — Sander 44 ö.d.), **Köln—Leipsig: 1–2** (Tilmann 51 — Baumgartner 29, 56), **Bawariýa—Hoffenhaým: 5–1** (Keýn 20 p, 45 p, Luis Diaz 45+2, 62, 69 — Kramariç 35)

### LIGUE 1 (21) — 16 gol

**Mets—Lill: 0–0, Lans—Renn: 3–1** (Eduar 41, Agilar 54, Sen-Maksimen 78 — Lepol 8), **Brest—Loriýan: 2–0** (Labo 50, Ažork 77), **Nant—Lion: 0–1** (Şuls 25), **Nissa—Monako: 0–0, Anže—Tuluza: 1–0** (Raolisoa 89), **Le Hawr—Strasbur: 2–1** (Zagadu 26, Sumare 54 — Godo 36), **Oser—Pariž: 0–0, PSŽ—Marsel: 5–0** (Dembele 12, 37, Medina 64 ö.d., Kwarasheliýa 66, Li Kan In 74)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 25 | 17 | 5 | 3 | 49-17 | 56 |
| 2 | MAN. SITI | 26 | 16 | 5 | 5 | 54-24 | 53 |
| 3 | ASTON WILLA | 26 | 15 | 5 | 6 | 37-27 | 50 |
| 4 | M. ÝUNAÝTED | 26 | 12 | 9 | 5 | 47-37 | 45 |
| 5 | ÇELSI | 26 | 12 | 8 | 6 | 47-30 | 44 |
| 6 | LIWERPUL | 26 | 12 | 6 | 8 | 41-35 | 42 |
| 7 | BRENTFORD | 25 | 12 | 3 | 10 | 39-34 | 39 |
| 8 | BORNMUT | 26 | 9 | 10 | 7 | 43-45 | 37 |
| 9 | EWERTON | 26 | 10 | 7 | 9 | 29-30 | 37 |
| 10 | NÝUKASL | 26 | 10 | 6 | 10 | 37-37 | 36 |
| 11 | SANDERLAND | 26 | 9 | 9 | 8 | 27-30 | 36 |
| 12 | FULHAM | 26 | 10 | 4 | 12 | 35-40 | 34 |
| 13 | KRISTAL PALAS | 26 | 8 | 8 | 10 | 28-32 | 32 |
| 14 | BRAÝTON | 26 | 7 | 10 | 9 | 34-34 | 31 |
| 15 | LIDS | 26 | 7 | 9 | 10 | 36-45 | 30 |
| 16 | TOTTENHAM | 26 | 7 | 8 | 11 | 36-37 | 29 |
| 17 | N. FOREST | 26 | 7 | 6 | 13 | 25-38 | 27 |
| 18 | WEST HAM | 26 | 6 | 6 | 14 | 32-49 | 24 |
| 19 | BÖRNLI | 26 | 4 | 6 | 16 | 28-51 | 18 |
| 20 | W. HEMPTON | 26 | 1 | 6 | 19 | 16-48 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 22 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 17 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 13 |
| 4 | Hugo EKITIKE (Liwerpul) | 10 |
| 5 | Dominik KALWERT-LÝUWIN (Lids) | 10 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 23 | 19 | 1 | 3 | 63-23 | 58 |
| 2 | REAL MADRID | 23 | 18 | 3 | 2 | 49-18 | 57 |
| 3 | ATLETIKO M | 23 | 13 | 6 | 4 | 38-18 | 45 |
| 4 | WILÝARREAL | 22 | 14 | 3 | 5 | 43-24 | 45 |
| 5 | BETIS | 23 | 10 | 8 | 5 | 37-28 | 38 |
| 6 | ESPANÝOL | 23 | 10 | 4 | 9 | 27-31 | 34 |
| 7 | SELTA | 23 | 8 | 9 | 6 | 30-25 | 33 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 23 | 8 | 7 | 8 | 33-31 | 31 |
| 9 | OSASUNA | 23 | 8 | 5 | 10 | 28-28 | 29 |
| 10 | ATLETIK B | 23 | 8 | 4 | 11 | 25-33 | 28 |
| 11 | HETAFE | 23 | 7 | 5 | 11 | 18-27 | 26 |
| 12 | ŽIRONA | 23 | 6 | 8 | 9 | 22-37 | 26 |
| 13 | SEWILÝA | 23 | 7 | 4 | 12 | 30-38 | 25 |
| 14 | ALAWES | 23 | 7 | 4 | 12 | 20-29 | 25 |
| 15 | MALÝORKA | 23 | 6 | 6 | 11 | 28-37 | 24 |
| 16 | ELÇE | 23 | 5 | 9 | 9 | 31-35 | 24 |
| 17 | WALENSIÝA | 23 | 5 | 8 | 10 | 23-37 | 23 |
| 18 | R. WALLEKANO | 22 | 5 | 7 | 10 | 18-30 | 22 |
| 19 | LEWANTE | 22 | 4 | 6 | 12 | 26-38 | 18 |
| 20 | OWIEDO | 22 | 3 | 7 | 12 | 12–34 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 23 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 15 |
| 3 | Ferran TORRES (Barselona) | 12 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 11 |
| 5 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 10 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 24 | 19 | 1 | 4 | 57-19 | 58 |
| 2 | MILAN | 23 | 14 | 8 | 1 | 38-17 | 50 |
| 3 | NAPOLI | 24 | 15 | 4 | 5 | 36-23 | 49 |
| 4 | ÝUWENTUS | 24 | 13 | 7 | 4 | 41-20 | 46 |
| 5 | ROMA | 24 | 15 | 1 | 8 | 29-14 | 46 |
| 6 | KOMO | 23 | 11 | 8 | 4 | 37-16 | 41 |
| 7 | ATALANTA | 24 | 10 | 9 | 5 | 32-21 | 39 |
| 8 | LASIO | 24 | 8 | 9 | 7 | 26-23 | 33 |
| 9 | UDINEZE | 24 | 9 | 5 | 10 | 27-36 | 32 |
| 10 | BOLONÝA | 24 | 8 | 6 | 10 | 32-31 | 30 |
| 11 | SASSUOLO | 24 | 8 | 5 | 11 | 27-34 | 29 |
| 12 | KALIARI | 24 | 7 | 7 | 10 | 28-33 | 28 |
| 13 | TORINO | 24 | 7 | 6 | 11 | 24-42 | 27 |
| 14 | PARMA | 24 | 6 | 8 | 10 | 16-30 | 26 |
| 15 | KREMONEZE | 24 | 5 | 8 | 11 | 21-33 | 23 |
| 16 | JENOA | 24 | 5 | 8 | 11 | 29-37 | 23 |
| 17 | LEÇÇE | 24 | 5 | 6 | 13 | 15-31 | 21 |
| 18 | FIORENTINA | 24 | 3 | 9 | 12 | 27-38 | 18 |
| 19 | PISA | 24 | 1 | 12 | 11 | 19-40 | 15 |
| 20 | WERONA | 24 | 2 | 9 | 13 | 18-41 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 3 | Niko PAZ (Komo) | 8 |
| 4 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 8 |
| 5 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 8 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 21 | 17 | 3 | 1 | 79-19 | 54 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 21 | 14 | 6 | 1 | 43-20 | 48 |
| 3 | HOFFENHAÝM | 21 | 13 | 3 | 5 | 44-28 | 42 |
| 4 | LEIPSIG | 21 | 12 | 3 | 6 | 40-28 | 39 |
| 5 | ŞTUTGART | 21 | 12 | 3 | 6 | 38-28 | 39 |
| 6 | BAÝER | 20 | 11 | 3 | 6 | 39-27 | 36 |
| 7 | FRAÝBURG | 21 | 8 | 6 | 7 | 32-33 | 30 |
| 8 | AÝNTRAHT | 21 | 7 | 7 | 7 | 41-46 | 28 |
| 9 | UNION BERLIN | 21 | 6 | 7 | 8 | 26-34 | 25 |
| 10 | KÖLN | 21 | 6 | 5 | 10 | 30-34 | 23 |
| 11 | HAMBURG | 20 | 5 | 7 | 8 | 21-29 | 22 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 21 | 5 | 7 | 9 | 25-34 | 22 |
| 13 | AUGSBURG | 21 | 6 | 4 | 11 | 24-39 | 22 |
| 14 | MAÝNS | 21 | 5 | 6 | 10 | 25-33 | 21 |
| 15 | WOLFSBURG | 21 | 5 | 4 | 12 | 29-44 | 19 |
| 16 | WERDER | 21 | 4 | 7 | 10 | 22-39 | 19 |
| 17 | SANKT-PAULI | 21 | 4 | 5 | 12 | 20-35 | 17 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 21 | 3 | 4 | 14 | 19-47 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 24 |
| 2 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 13 |
| 3 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 11 |
| 4 | Maýkl OLISE (Bawariýa) | 10 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 10 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 21 | 16 | 3 | 2 | 48-16 | 51 |
| 2 | LANS | 21 | 16 | 1 | 4 | 37-17 | 49 |
| 3 | LION | 21 | 13 | 3 | 5 | 34-20 | 42 |
| 4 | MARSEL | 21 | 12 | 3 | 6 | 46-27 | 39 |
| 5 | LILL | 21 | 10 | 3 | 8 | 34-30 | 33 |
| 6 | RENN | 21 | 8 | 7 | 6 | 31-34 | 31 |
| 7 | STRASBUR | 21 | 9 | 3 | 9 | 34-27 | 30 |
| 8 | TULUZA | 21 | 8 | 6 | 7 | 31-24 | 30 |
| 9 | ANŽE | 21 | 8 | 5 | 8 | 22-25 | 29 |
| 10 | MONAKO | 21 | 8 | 4 | 9 | 32-33 | 28 |
| 11 | LORIÝAN | 21 | 7 | 7 | 7 | 27-33 | 28 |
| 12 | BREST | 21 | 7 | 5 | 9 | 28-33 | 26 |
| 13 | LE HAWR | 21 | 5 | 8 | 8 | 18-26 | 23 |
| 14 | NISSA | 21 | 6 | 5 | 10 | 27-38 | 23 |
| 15 | PARIŽ | 21 | 5 | 7 | 9 | 26-34 | 22 |
| 16 | OSER | 21 | 3 | 5 | 13 | 14-29 | 14 |
| 17 | NANT | 21 | 3 | 5 | 13 | 19-37 | 14 |
| 18 | METS | 21 | 3 | 4 | 14 | 21-46 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 13 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 11 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 10 |
| 4 | Pawel ŞULS (Lion) | 9 |
| 5 | Wesli SAID (Lans) | 8 |

# «INTERI» DURZUP BOLANOK

Italiýanyň çempionatynda «Inter» myhmançylykda Sassuolo» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Şolaryň birini geçiren Lautara Martinesiň «Interdäki» gollarynyň sany 128-e ýetip, ol klubuň taryhynda 4-nji orna beýgeldi. Duşuşygyň 54-nji minutynda «Sassuolodan» Nemanýa Matiç gyzyl kart aldy. 12 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Inter» şolaryň 11-sinde ýeňiş gazandy. Soňky 3 duşuşykda-da garşydaşlarynyň derwezesinden 13 gol geçirdi. Çempion «Napoli» myhmançylykda «Jenoa» bilen duşuşyp, 90-njy minutdan soň 3–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Neapollylara ýeňiş getiren gollary Hýoýlunn (2) bilen MakTomineý derweze girizdi. «Ýuwentus» bilen «Lasionyň» duşuşygynda ýer eýeleri 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldy. «Lasio» topary 1-nji ýarymyň soňunda we 2-nji ýarymyň başynda, degişlilikde Pedro (45+2) hem-de Isakseniň (47) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne rimlilere bu üstünligini saklamak başartman, olar MakKenniniň 59-njy, Kalulunyň 90+6-njy minutdaky gollaryna çäre tapyp bilmedi. Paýtagtyň başga bir topary «Roma» öz meýdançasynda «Kaliarini» täze transferi Donýell Maleniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. «Milanyň» «Komo» bilen geçirmeli oýnunyň wagty «San Sirodaky» gyşky Olimpiýa oýunlarynyň açylyşy sebäpli 18-nji fewrala süýşürildi.



**Ispaniýanyň çempionatynda** «Barselona» hem-de «Real Madrid» tapgyry gol geçirtmezden ýeňiş bilen tamamladylar. «Barselona» öz meýdançasynda «Malýorkany» Lewandowskiniň, Ýamalyň hem-de ýaş oýunçy Bernalyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. Lewandowski bassyr 14-nji möwsüminde azyndan 10 gol geçirip, Messi we Ronaldonyň rekordyny gaýtalady. Katalonlaryň söbügini basyp barýan «Real Madrid» myhmançylykda «Walensiýany» Karrera hem-de Mbappeniň gollary esasynda 2–0 hasabynda utdy. «Atletiko Madrid» Şa Kubogy ýaryşynda 5–0 hasabynda üstün çykan garşydaşy «Betisden» çempionatda öz meýdançasynda Antoniniň ýeke-täk goly bilen asgyn geldi.



### PSŽ «Marseli» derbi-dagyn etdi

Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri PSŽ öz meýdançasynda «Le Classique» derbisinde «Marsel» toparyny 5–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Dembeleniň 2 gezek (12, 37) tapawutlanan oýnunda beýleki gollary Medina (64, ö.d.), Kwarasheliýa (66) hem-de Li Kan In (74) derwezä girizdi. 2-nji ýerde barýan «Lans» öz meýdançasynda «Renn» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykdy. «Nant» toparyndan Şulsuň ýeke-täk goly bilen üstün çykan «Lion» bassyr 6-njy ýeňşini gazandy.

# XXV gyşky Olimpiýa oýunlary ýokary depginde dowam edýär

**Italiýanyň demirgazyggynda Milan we Kortinada XXV gyşky Olimpiýa oýunlary ýokary depginde dowam edýär. Geçen anna güni açylyş dabarasy geçirilen Olimpiadanyň 7 güni tamamlanyp, medal sanawynda Norwegiýanyň türgenleri häzirki wagtda öňde barýar. Olar 7-si altyn, jemi 13 medal gazandylar. 4 altyn medal alan 3 ýurduň arasynda amerikalylar 2-nji, ýer eýeleri italýanlar 3-nji orunda barýarlar. 4 altyn medalyň 3-sini diňe 1 türgeni gazanan şweýsariýalylar 4-nji orny eýeleýärler.**





### Ilkinji altyn medaly

● Konkili typmakda bu ugruň öňdebaryjy ýurdy Niderlandlaryň meşhur zenan türgeni Ýutta Lerdam ilkinji altyn medalyny gazandy. 27 ýaşyndaky türgen 1000 metr aralygy 1 minut 12,31 sekuntda geçip, Olimpiýa rekordyny täzelemegi başardy. Ol Pekin 2022-de kümüş medal gazanypdy. Mundan öňki 2 Olimpiadanyň çempiony niderland Suzanna Shulting bu gezek 8-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.



### Doglan gününde Olimpiýa rekordyny goýdy

● Zenanlaryň arasynda 3000 metr ýaryşynda italiýaly Françeska Lollobrijida 3 minut 54,28 sekuntda pellehana gelip, öz doglan gününde (35 ýaşynyň dolan gününde) altyn medalynyň üstüni Olimpiýa rekordy bilen ýetirdi. Bu üstünlik ýer eýeleri italýanlaryň şu Olimpiadadaky ilkinji altyn medaly boldy. Türgeniň doglan gününde altyn medal gazanmagy aýratyn bellärliklidir. Ol bu taryhy altyn medalyny 2,5 ýaşyndaky ogly Tommaso bilen gutlady.



Erkekleriň arasynda 5000 metr aralygy geçmekde norwegiýaly Sander Eitrem 6 minut 03,95 sekuntda pellehana gelip, altyn medala mynasyp boldy. Onuň bu görkezijisi Olimpiýa rekordy hökmünde hasaba alyndy. Şunlukda, konkili typmakda geçirilen ilkinji 3 ýaryşda-da Olimpiýa rekordy täzelendi.

● Biatlon boýunça erkekleriň arasyndaky ýekeleýin ýaryşda Ýohan-Olaw Botn altyn, fransiýaly Erik Perro kümüş, ýene-de norwegiýaly Şturla Holm Laegreid bürünç medala mynasyp boldy. Zenanlaryň arasyndaky ýekeleýin ýaryşda fransiýaly Žuliýa Simon altyn, onuň watandaşy Lu Žanmonno kümüş, bolgariýaly Lara Hristowa bürünç medal gazandy. Garyşyk toparlaýyn ýaryşda Fransiýa altyn, Italiýa kümüş, Germaniýa bürünç medaly eýelemegi başardy.

● Sannili typmak ýaryşynda erkekleriň arasynda-da, zenanlaryň arasynda-da ýeňiji germaniýaly türgenler bolup, degişlilikde Maks Langenan bilen Ýulia Taubits altyn medal gazandylar. Bu ugurda zenanlaryň arasynda 1998-nji ýyldan bäri germaniýaly türgenler altyn medaly eýeläp gelýärler.

Erkekleriň arasynda jübütleýin ýaryşda italiýaly Emmanuel Rider bilen Simon Kainzwalder altyn, awstriýaly Tomas Steu bilen Wolfgang Kindl kümüş, mundan öňki 3 Olimpiadanyň bilelikdäki çempiony, germaniýaly Tobias Wendl bilen Tobias Arlt bu gezek bürünç medala kanagat etmeli boldular.

Zenanlaryň arasyndaky jübütleýin bäsleşikde hem italýanlar altyn medal gazandylar. 1 minut 46,284 sekuntda pellehana gelen Andrea Wötter bilen Marion Oberhofer ýeňiş münberiniň iň ýokary basgançagyna çykdylar. Bu görnüşdäki ýaryş ilkinji gezek geçirilip, germaniýaly türgenler 2-nji, awstriýaly türgenler 3-nji orny eýelediler.



### Ýaponiýalylar öňe saýlandy

● Snoubord bäsleşiginiň big-eýr görnüşinde erkekdir zenanlaryň arasynda ýaponiýaly türgenler altyn medaly eýelediler. Erkekleriň arasynda Kira Kimura altyn, watandaşy Rýoma Kimata kümüş, Pekin 2022-niň çempiony hytaýly Su Imin bürünç medal gazandy. Zenanlaryň arasynda Kokomo Murase ýeňiji bolup, mundan öňki 2 Olimpiadanyň çempiony, awstriýaly Anna Gasser bu gezek 8-nji orny eýeledi.

Parallel gigant slalom ýaryşlarynda erkeklerden awstriýaly Benžamin Karl bassyr 2-nji Olimpiýa altyn medalyny boýnuna dakdy. Ol finalda Koreýa Respublikasyndan Kim San-Kýumy ýeňlişe sezewar etdi. Zenanlaryň arasynda bu gezek hem çehiýaly türgen ýeňiji boldy. Mundan öňki 2 Olimpiadada meşhur snoubordçy Ester Ledeska ýeňiş gazanypdy. Bu gezek onuň watandaşy Zuzana Maderowa münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Awstriýaly Sabin Paýer 2-nji, italiýaly Luçiýa Dalmasso 3-nji orny eýeledi.

### Ýeke özi 3 altyn medal gazandy

● Dag lyžasy (Alpine Skiing) ýaryşlarynda şweýsariýaly Franýo won Allmen eýýäm 3 altyn medal gazandy. Ol erkekleriň arasynda dawnhill görnüşinde altyn medal gazanyp, kümüşdir bürünç medallary italiýaly Jowanni Franzoni bilen Dominik Paris paýlaşdylar. 24 ýaşyndaky Franýo won Allmen Super-G görnüşinde-de amerikaly Raýan Kokran-Siglden hem-de watandaşy Marko Odermattdan öňe saýlanyp, münberiň çür depesine çykmagy başardy. Onuň 3-nji altyn medaly toparlaýyn kombinasiýa ýaryşyndan bolup, Franýo won Allmen partnýory Tanguý Nef bilen ýeňiş gazandy.



Zenanlaryň arasynda dawnhill görnüşinde amerikaly Brizi Jonson ýurduna 2010-njy ýyldan soň bu ugurda ilkinji altyn medalyny gazandyrdy. Germaniýaly Emma Aiheriň 2-nji bolan ýaryşynda 2018-nji ýylyň çempiony italiýaly Sofiýa Gojja bürünç medaly eýeledi. Zenanlaryň arasyndaky toparlaýyn kombinasiýa ýaryşynda awstriýalylar altyn, germaniýaly türgenler kümüş, amerikaly lyžaçylar bürünç medal gazandylar.

### Ýene Sizeron, ýene-de altyn medal

● Figuralaýyn typmak ýaryşynda toparlaýyn görnüşde ABŞ-nyň ýygyndysy bassyr 2-nji gezek altyn medal gazanmagy başardy. Toparyň düzüminde çykyş eden Madison Çok bilen Ewan Beýts 2-nji altyn medallaryny gazandylar. Şeýle-de, ýaponlar kümüş, italýanlar bürünç medala mynasyp boldy.

Figuralaýyn typmagyň buzda tans etmek ugry boýunça ýene-de fransiýaly türgenler ýeňiş gazandy. Golaýda Ýewropanyň çempionlygyny gazanan Giýom Sizeron bilen onuň partnýory Lorans Furnie Bodri altyn medala mynasyp boldy. Sizeron mundan 4 ýyl öň Pekinde ol wagtky partnýory Gabriella Papadakis bilen ýeňiş gazanypdy. Amerikaly Medison Çok bilen Ewan Beýts kümüş, kanadaly Paýper Žiles bilen Pol Puarýe bürünç medala mynasyp boldy.



### Altyn medallarynyň sany 7-ä ýetdi

● Lyžaly ýaryş boýunça erkekleriň arasynda norwegiýaly Ýohannes Hosflot Klaebo 20 kilometr skiatlon hem-de sprint nusgawy görnüşlerinde münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Onuň gyşky Olimpiadalarda gazanan altyn medallarynyň sany 7-ä ýetdi. 29 ýaşyndaky türgen iň köp medally türgenleriň sanawynda 8-nji orna beýgeldi (jemi 9 medaly bar). Klaebo sprint nusgawy ýaryşynda 3 Olimpiadadan bäri çempionlyk gazanyp gelýär.



Zenanlaryň arasynda bolsa bu ugurlaryň 2-sinde hem şwesiýaly türgenler öňe saýlandy. 20 kilometr skiatlonda Frida Karlsson, sprint nusgawy bäsleşiginde-de Linn Swan ýeňiji boldy. Ýeri gelende bellesek, sprint nusgawy boýunça medallaryň 3-sini hem şwesiýaly türgenler eýeläp, Pekin 2022-niň çempiony Ýonna Sundling 2-nji, Maýa Dalkwist 3-nji orna mynasyp bolmagy başardy.

### Eilin Gu ýene-de Gremodan asgyn geldi

● Gyşky Olimpiadanyň özboluşly sport görnüşleriniň biri bolan fristaýlyň sloupstaýl ugry boýunça erkekleriň arasynda norwegiýaly Birk Ruud Pekin 2022-niň çempiony, amerikaly Aleks Holldan hem-de Täze zelandiýaly Luka Harringtondan öňe saýlanmagyň hötdesinden geldi. Zenanlaryň arasynda şweýsariýaly Matilde Gremo hytaýly meşhur türgen Eilin Guny bassyr 2-nji gezek yzda galdyryp, 2-nji altyn medalyny gazandy. Zenanlaryň arasyndaky moguls görnüşde amerikaly olimpiadaçylar altyndyr kümüş medaly eýelemegi başardy. Elizabet Lemli altyn, Jaelin Kauf kümüş, fransiýaly Perrin Laffon bürünç medala mynasyp boldy.



● Körling boýunça garyşyk jübütleýin ýaryşda şwesiýaly Isabella Wrana bilen Rasmus Wrana altyn Olimpiýa çempionlygyny gazandy. Amerikaly Kori Tiesse bilen Koreý Dropkin 2-nji ýeri eýelese, Pekin 2018-iň çempiony, italiýaly Stefaniýa Konstantini bilen Amos Mosanser bu gezek bürünç medal bilen oňňut etmeli boldular.

● Iki görnüşli lyža (Nordic combined) ýaryşynyň «normal hill 10 km» görnüşinde norwegiýaly Ýens Luraş Oftebro altyn, awstriýaly Ýohannes Lamparter kümüş, finlýandiýaly Eýero Hirwonen bürünç medaly eýeledi.

● Şort-trek boýunça garyşyk toparlaýyn ýaryşda ýerli türgenler – Italiýanyň ýygyndysy Kanadadyr Belgiýanyň türgenlerinden öňe saýlanyp, münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy.

### MEDAL SANAWY (6–11-nji fewral aralygy)

| | ÝURTLAR | ALTYN | KÜMÜŞ | BÜRÜNÇ | JEMI |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NORWEGIÝA | 7 | 2 | 4 | 13 |
| 2 | ABŞ | 4 | 6 | 2 | 12 |
| 3 | ITALIÝA | 4 | 2 | 7 | 13 |
| 4 | ŞWEÝSARIÝA | 4 | 1 | 2 | 7 |
| 5 | GERMANIÝA | 3 | 3 | 2 | 8 |
| 6 | FRANSIÝA | 3 | 3 | 1 | 7 |
| 7 | ŞWESIÝA | 3 | 2 | 1 | 6 |
| 8 | AWSTRIÝA | 2 | 5 | 1 | 8 |
| 9 | ÝAPONIÝA | 2 | 2 | 4 | 8 |
| 10 | NIDERLANDLAR | 1 | 2 | 0 | 3 |
| 11 | ÇEHIÝA | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 12 | SLOWENIÝA | 1 | 1 | 0 | 2 |
| 13 | KANADA | 0 | 1 | 3 | 4 |
| 14 | HYTAÝ | 0 | 1 | 2 | 3 |
| 15 | TÄZE ZELANDIÝA | 0 | 1 | 1 | 2 |
| 16 | KOREÝA RESPUBLIKASY | 0 | 1 | 1 | 2 |
| 17 | LATWIÝA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 18 | POLŞA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 19 | BOLGARIÝA | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 20 | BELGIÝA | 0 | 0 | 1 | 1 |
| 21 | FINLÝANDIÝA | 0 | 0 | 1 | 1 |









## TENNIS TÄZELIKLERI

**● Çehiýanyň Ostrawa şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «Ostrawa Açyk» tennis ýaryşynda britaniýaly Keýti Bulter çempion boldy. Ol finalda germaniýaly Tamara Korpatç bilen duşuşyp, garşydaşyny 3 setiň netijesinde 2:1 (5:7, 6:2, 6:1) utmagy başardy. Bu 29 ýaşly Bulteriň karýerasy boýunça gazanan 4-nji çempionlygydyr.**

**● Rumyniýanyň Kluž şäherinde geçirilen «Transilwaniýa Açyk» zenanlar tennis bäsleşiginde ýer eýesi Sorana Kyrstea ýeňiji boldy. 35 ýaşyndaky tennisçi finalda britaniýaly Emma Radukanadan 6:0, 6:2 hasaplar bilen üstün çykdy. Bu üstünlik Kyrsteanyň karýerasyndaky 4-nji WTA çempionlygy hökmünde hasaba alyndy.**

**● Tennis boýunça zenanlaryň arasynda BAE-niň paýtagtynda geçirilen «Abu Dabi Açyk» ýaryşynda çehiýaly Sara Beýlek ýeňiş gazandy. 20 ýaşly Beýlek finalda russiýaly Ýekaterina Aleksandrowany 7:6, 6:1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň 1-nji WTA çempionlygydyr.**

**● Fransiýanyň Monpelie şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Open Occitanie» tennis bäsleşiginde kanadaly Feliks Ožie-Aliassim ýeňiji boldy. Meşhur tennisçi finalda fransiýaly Adrian Mannarinony 6:3, 7:6 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. ATP-niň sanawynda 12-nji orunda barýan Ožie-Aliassim karýerasy boýunça 9-njy kubogyny asmana göterdi.**



## 40 ýyldan soň ýarym finala çykdy

Italiýanyň Kubogy (Coppa Italia) ýaryşynda ýarym finala çykan toparlaryň ählisi hem belli boldy. Geçen hepdäniň dowamynda «Inter» bilen «Atalanta» topary ýarym finala çykypdy. «Inter» «Torinony», «Atalanta» bolsa Turin şäheriniň güýçli wekili «Ýuwentusy» ýeňipdi.

Çärýek finalyň beýleki 2 duşuşygynda ýeňijiler oýundan soňky 11 metrlik urgulary arkaly kesgitlendi. «Napoli» bilen «Komonyň» arasyndaky duşuşyk 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy (Wergara 46 – Baturina 39 p). Netijede, 11 metrlik jerime urgularynda 7–6 hasabynda üstün çykan «Komo» ýarym finala çykmagy başardy. «Komo» topary 40 ýyldan soň kubok ýaryşynyň ýarym finalçysy bolup, olar soňky gezek 1986-njy ýylda adyny iň gowy 4-lige ýazdyrypdy. Kubogyň geçen ýylky eýesi «Bolonýa» öz meýdançasynda «Lasio» bilen duşuşyp, oýnuň esasy wagty Kastro (30) hem-de Nosliniň (48) garşylyklaýyn geçiren gollary esasynda deňlikde tamamlandy. 11 metrlik urgularynda 4–1 hasabynda üstün çykan «Lasio» ýarym finala çykdy.



Ýarym finalda «Lasio» bilen «Atalanta», «Inter» bilenem «Komo» toparlary duşuşarlar. Ýarym finalyň 1-nji oýunlary 4-5-nji martda, jogap duşuşyklary-da aprel aýynyň soňlarynda geçiriler.

## «Bawariýanyň» 6 ýyllyk arakesmesi tamamlandy

Germaniýanyň Kubogy (DFB-Pokal) ýaryşynda hem ýarym finala çykan toparlar belli boldy. Çeçen hepdedäki oýunlardan soň «Baýer» bilen «Ştutgart» ýarym finala çykypdy. Şu hepdäniň dowamynda geçirilen duşuşyklardan soň bolsa «Fraýburg» bilen «Bawariýa» olaryň hataryna goşuldy.

«Fraýburg» topary myhmançylykda Berliniň «Herta topary bilen duşuşyp, oýnuň esasy wagtynda ýeňiş gazanan bolmady (Rise 104 — Suzuki 96). Oýundan soňky 11 metrlik urgularynda «Fraýburg» garşydaşyny 5-4 hasabynda ýeňip, ýarym finala çykdy.

«Bawariýa» bolsa öz meýdançasynda «Leipsig» toparyny soňky oýunlarda yzygiderli tapawutlanýan Harri Keýn hem-de Luis Diazyň gollary bilen 2-0 hasabynda utdy.



Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda ýarym finalyň bijeleri 15-nji fewralda geçirilip, duşuşyklar 21-22-nji aprelde oýnalar.

## 60-njy «Super Bowl»-da «Sietl Sihawks» ýeňiş gazandy

**Amerikan futboly boýunça möwsümiň çempionyny kesgitleýän «Super Bowl» final duşuşygynda «Sietl Sihawks» topary ýeňiji boldy. 60-njy gezek geçirilen «Super Bowl» duşuşygynda «Sietl Sihawks» topary «Nýu Ingland Patriots» toparyny 29:13 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Kaliforniýanyň Santa Klara şäherindäki «Levi's Stadium»-da oýnalan duşuşygyň 1-nji çärýeginde sietlliler 3:0, 2-nji çärýeginde 6:0, 3-nji çärýeginde-de 3:0 üstün çykdy. 4-nji çärýek çekeleşikli geçip, 17:13 hasabynda ýene-de «Sietl Sihawksyň» peýdasynda tamamlandy. «Nýu Ingland Patriots» toparynyň 4-nji çärýekde görkezen tagallasy ýeňşe ýetmedi. Şeýlelikde, «Sietl Sihawks» topary 2013-nji ýyldan soň 2-nji gezek «Super Bowl» kubogyna mynasyp boldy. Olar 2005-nji we 2014-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi.**

**«Super Bowl»-y iň köp eýelän 2 toparyň biri bolan «Nýu Ingland Patriots» topary 1985-nji, 1996-njy, 2007-nji, 2011-nji, 2017-nji ýyllardan soň 6-njy gezek ýeňildi. «Nýu Ingland Patriots» toparynyň 6 çempionlygy bolup, olar 2001-nji, 2003-nji, 2004-nji, 2014-nji, 2016-njy hem-de 2018-nji ýyllarda «Super Bowl»-y eýeläpdiler.**

**60-njy «Super Bowl» duşuşygynyň iň gymmatly oýunçysy diýlip, Kennet Wolker III saýlandy.**

**Duşuşyga 70 müň 823 janköýer tomaşa edip, oýnuň arakesmesinde Bad Bunny, Leýdi Gaga, Riki Martin ýaly aýdym-saz sungatynyň meşhur ýyldyzlary özleriniň ilhalar aýdymlary bilen çykyş etdiler.**